## MYRAT TÄÇMYRAT:

# HATYRALARYM



*(3.06.1920—24.01.2005)*

*Çapa taýýarlan:*

*ARNE GOLI*

*Türkmeni Öwreniş Merkezi*

*Sweden. 2022*

***BU IŞ TÄÇMYRAT AGANYŇ ÝAGTY***

***HATYRASYNA BAGYŞLANÝAR!***

**TITLE:**

**M.TACHMURAT. MY MEMORIES**

**PRINT HOUSE: TISK OD 1 KS.CZ. PRAGUGE. CZECH RUPUBLIC**

**PUBLISHED BY: TURKMEN STUDY CENTER. SUMMER 2022**

# MAZMUNY

**A.GOLI : URŞ BELASY ---------------------------------------------- 5**

***GASGAJYK TERJIMENHAL------------------------------------------11***

***URŞA UGRADYLDYK------------------------------------------------14***

***ÝESIRLIK GÜNLER ------------------------------------------------15***

***TÜRKISTAN LEGIONY----------------------------------------------19***

***TÜRKISTAN MILLI KOMITETI --------------------------------------28***

***JANYŇY NIRDE SAKLAMALY ----------------------------------------31***

***KADALY DURMUŞYŇ GÖZLEGINDE -----------------------------------40***

***AZATLYK RADIOSYNDA ---------------------------------------------53***

***ÖÝMÜZ BILEN ILKINJI HAT ALYŞYM-------------------------------89***

***TÖHMETLER ÝAGMURY-------------------------------------------102***

***ADALATYŇ ÖŇÜNDE ---------------------------------------------109***

***BÜTIN ÖMRÜŇ ALNYŇDA------------------------------------------116***

***RADIONYŇ PRAGA GÖÇÜRLIŞI ------------------------------------120***

***GOŞMAÇA: MAKALARYMDAM KÄBIRLERI ---------------------------126***

***PEÝDALANYLAN ÇEŞMELER ---------------------------------------141***

## *URŞ BELASY*



*“Berline çen ölçäp garyşma-garyş,*
*Ýigrimi milliony edipdik bagyş...”*
*(K.Gurbannepesow)*

**1941–45-nji ýalynly ýyllar... ol ýyllar bütin SSSR-de boluşy kimin Türkmenistan we türkmen halkynyň taryhynda sönmez yz, öçmez tyg-ýara galdyrdy. SSSR halklary faşistik hitlerçileri ýeňmek üçin 20 million ynsan pydasyny berdi. Türkmenistandan jemi 800 müňden gowrak adamynyň urşa gatnaçandygyny görkezilýär. Eger şolardan azyndan 2-den 3 böleginiň heläk bolandygyny çen etsek, onda Türkmenistanyň**

uruşda çeken ýitgisi ýarym million adama barabar bolýar. Bu Türkmenistanyň jemi ilatynyň tas 1-den 3 bölegine golaýynyň urşuň gurbany bolandygyny aňladýar. Her bir türkmen maşgaladan urşa gidenlerden ortaça 1-2 hatta 3 adamynyň gaýdyp gelmändigini nazara alsak onda urşuň salan ýaralary aýdyň göz öňüne gelýär.

1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda faşistik Germaniýanyň «Serdary» Hitler ähdiýalanlyk bilen SSSR-iň üstüne çozdy.

Gyzyl goşunyň hatarynda söweşen türkmen esgerleriniň sany az däldi. Diňe esger däl-de, eýsem türkmenler urşuň arkasynda tyl hökmümde fronta maddy kömegi gaýgyrman ýetirip durdy, ýurtda açlyk höküm sürse-de «Hemma zat front üçin, hemme zat ýeňiş üçin» şygary astynda tonnalap-tonnalap azyk-imit, 7400 kg töweregi altyn-kümüş, 170 million manat pul we beýleki gymmat bahaly zatlar fronta iberildi.[1] Atçylyk diwiziýa üçin müňläp-müňläp tohum atlar urşa iberildi, olaryň hemmesi diýen ýaly, edil eýeleri ýaly ojaklaryna dolanyp gelmediler.

[1] N.Rahymow: “Siz Türkmenistanyň taryhyny bilyärsiňizmi? Aşgabat, Magaryg. 1991

Urşda näçe türkmeniň pyda bolandygy barada henize çenli resmi maglumat ýaýradylman gelýär. Bu barada ne Sowet döwründe, ne-de Garaşsyzlyk ýyllarynda barlag işi alnyp baryldy. Ýöne çak edilşine görä 50 müňden gowrak türkmen, faşsitik Germaniýany ýok etmek üçin gurban bolup, şonça-da maýyp bolup ýurda dolanyp geldiler. Ýüzlerçe türkmen ýesir düşýär, ýöne Staliniň: «bizde ýesir ýok, diňe dönükler bar» diýen permanyndan howatyrlanan ýesirler, hatta urş tamam bolandan soňam, öz öýlerine dolanyp bilmediler. Olardan tanaýanymlardan doganlar Aman we Gurt Berdimyradowlar, Herrikgaladan Allamyrat Halmyradow, Gökdepeden Myrat Täçmyradow, şeýle-de Garrygaladan Gurban (Remezan Familýasyny bilmedim) we ... Türkmensähraly (Eýran) türkmenleriniň görünki alymy, Türkmenistanda we Leningratda ýokary ylym alan Ahmat Ahundow Gürgenli-de 2-nji jahan urşa gatnaşyp, faşistik Germaniýany ýeňmek ugrunda gurban boldy. Mazary näbelli.



***Gadyrly Okajy!***

**Bu kitapçada siz şol urş ýesirlerinden merhum Myrat Täçmyradyň ýatlamalary bilen tanyş bolarsyňyz. Täçmyrat aga ýatlamasynda ýesirleriň lagerde günde birgiden biçäre bendäniň açlyk-horlukdan, keselden ölýändigini, olaryň toparlýyn gömülýändiklerini ýatlaýar. "Biz ölümden gutulmak üçin lagerden çykyp Türkistan legionyna goşulmaga mejbur bolduk... ýa ölüm ýa-da täze durmuş, üçünji bir ýol ýokdy.... Stalin bolsa bize hossarlyk etmän tersine bizi "haýyn" diýip aýplaýardy. Biz Türkistan legýonyna Hitlerçileri halap däl-de Stalini ýigrenip goşuldyk..." diýip Täçmyrat aga ýatlamasynda nygtap geçýär.**

***ARNE GOLI***



«Hemme zat front üçin, hemme zat ýeňiş üçin»



# II. JAHAN URŞYNDA ALMANLARA ÝESIR

# DÜŞEN TÜRKMEN ÝIGIDINIŇ ÝATLAMALARY

## *ÖNÜP-ÖSEN ÝERIM WE MAŞGALAMYZ (TERJIMEHAL)*



**Men, Myrat Täçmyrat, 1920-nji ýylyň 3-nji iýunynda häzirki Balkan welaýatynyň Gyzyl_arbat etrabynyň "Zaw" obasynda, Täçmyrat Saparguly oglunyň we onuň aýaly Käbe (Ogulsoltan) Ata gyzynyň maşgalasynda dünýä inipdirin.**

**1924-nji ýylda gyz doganym Jemal dünýä indi. 1930-njy ýylda doganym Taňryberdi boldy. 1938-nji ýylda bolsa uýam Kiçik (Orazjemal) doguldy. 1942-nji ýylda, men uruşdakam Eýeberdi diýen inimiz dünýä inipdir.**

Kakam pahyr 1890-njy ýylda, ejem bolsa geçen asyryň aýagynda ýa-da başynda doglan hasaplanylýar. Biz tekeleriň Togtamyş tiresiniň *Gäriçimek* taýpasyndan bolýarys.

Kakam pahyr 1978-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda 88 ýaşynda aradan çykyldyr, özem diňe: "Garaja ogluň geldi" diýenlerinden soň gözüni ýumupdyr.

Bütin ömrüni öý-hojalygy we çagalary terbiýeläp ýetişdirmek bilen geçiren ejem pahyr bolsa 1984-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda, 80 ýaşlarynda keçe basyp otyrka, tarpa-taýyn aradan çykyldyr. Olara Alla rehmet eýlesin. Yzlary ýarasyn, ýatan ýerleri ýagty bolsun!

Kakam demirýol işçisidi, Türkmenistanyň ilkinji proletariatydy, çünki şol wagtlar ýerli ilatdan işçi ýok diýen ýalydy. Ilki başda ýük otlysynyň konduktory, soňra Gyzylarbat stansiýasynda streloçnik[2] bolup işlän kakam pahyr, ogullaryny okatmaga uly üns berýärdi.

Zaw obasynda 20-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli mekdep-magaryf işi ýola goýulmandy şonuň üçin–de, ilkinji elipbiýi sowatlyrak adamlardan öwrendim. Soňra Gyzylarbada göçüp baryp, şol ýerde başlangyç mekdebi tamamladym. Doganym

[2] Demirýollary-reilsleri bir-birine çatýan ýa-da aýyrýan işgär.

Taňpyberdi hem mugallym bolup ýetişdi we tä 1990-njy ýylyň 29-njy iýulynda ýürek keselinden tarpa-taýyn aradan çykýança, *Bamyda, Goçda we zawda* ýaş ösdürimlere ders beripdir. Esasan gaýybana okap, ykdysady ylymdaryň kandidaty bolan iň kiçi doganym Eýeberdi bolsa, ilki bilen Gyzylarbadyň Garaköli ýetişdirýän sowhozynda buhgalter/hasapçy bolup işleýär, häzir bolsa şäher maliýe-salgyt bölüminde hyzmat edýän ýaly görünýär.

Gyzylarbatda parawoz wagon bejeriş zawodynyň garamagynda ýaş ussalary taýýarlaýan FZU mekdebi bardy. 30-njy ýyllaryň başlarynda şol mekdebe girip, üç ýyl okadym. Bu maňa orus dilini öwrenmeklige gaty kömek berdi, çünki dersleriň köpüsi rusça geçýärdi.

1935-nji ýylda Gyzylarbadyň mugallynçylyk “rab_fak”yna girip, şony 1939-njy ýylyň güýzünde “otliçno”/ýokary baha bilen gutardyn we Aşgabadyň Mugallynçylyk institutyna (soňraky Türkmen döwlet uniwersitetine) alyndym.

Rabfakda meniň mugallymdarynyň käbiri: soňra TSSR Ylymdar akademiýasynyň prezidenti bolan Tagan Berdiýew, görnükli şahyrymyz, Türkmenistanyň medeniýet ministri bolup işlan Gara Seýitliýew, meşhur dilçi Aga Hojamgulýew, görnükli taryhçy Gurban Remezan, jugrafiýa boýunça

bilermen Alyzadeh, ene dilniň öwreden Tagan Mämmedow we başgalary ýatlaýaryn.

## *URŞA UGADYLDYM*

Emma maňa institutda ymykly okamak meýesser etmedi. Çünki SSSR-iň Goranmak Halk Komissarlygynyň buýrugy bilen orta mekdebi gutarnlar, eýýäm 19 ýaşynda gyzyl Goşun gulugyn alynýardy.

Men Ukrainanyň *Harkow* şäherinde, *Kiýew'de*, soňra *Litwanyň Kaunas* şäherinde Gyzyl Goşun sapynda/ hatarynda boldum.

Uruş başlanan wagtynda, meniň gulluk edýän topçy batalonym Germaniýa tarapyndan basylyp alnan Polşanyň SSSR bilen araçäginiň 5-10 kilometr Golaýynda tomus harby lagerindedi, özem Kaunas şäheriniň takmynan 40-50 kilometr çetindedi.

SSSR bilen Hitler Germaniýasy arasynda birek-biregiň üstüne çozmazlyk barasynda şertnama baglaşylandygyna garamazdan, Ýokary Sowet komanduýuşçsy ýakyn wagtyň içinde urşuň turjakdygyny bilýärdi, şonuň üçin bolsa gerek, uruş başlanmazyndan 1-2 hepde öňinça bizlere tanytma

markalaryny, ýagny atlarymyz we adreslerimiz ýazylan boýna dakynmaly "tagmalary" paýlap berdiler.

## *BIZ ÝESIR DÜŞDÜK*




Şeýle-de bolsa, 1941-ýylyň şenbe güni 21-nji iýundan ýekşenbe gününe 22-nji iýuna geçilen dańdan, 270-nji topçy batalonymyzda, urşa taýýarlykdan nam-nyşan ýokdy. Ähli komandirleriniz diýen ýaly, hepde soňy bolany üçin, Kaunasdaky öz maşgalalaryna gidipdiler, toplarymyzyň oklary we olary çekýän traktorlaryň ýangyny şäheriň golaýyndaky ammarlardady. Nemes/Alman aýeroplanlary bizi bombalap başlanlarynda, olara garşy birzat edip biljek ýagdaýda däldik. Şonuň üçin batalonyň bombalaýýşlykdan

sag-aman galan esegrler gaça-gaçlyga başladylar. Emma nirä? Bulara ýol-ýoda görkezýän hiç kim ýokdy, baş-başdaklykdy. Gaçyp gutuljak ýerimiz-de ýokdy. Şonuň üçin men bir dostum bilen birlikde, köne-söne geýim geýip, obalara aýlanyp, bir Litwaly daýhana hasyl ýygnamak üçin işe ýerleşdik. Ol daýhan biziň gyzyl Goşun gullugynda bolanymyzy bilýärdi we umuman, baltikalylar Sowet adamdaryna ýaramaz garaýardylar. Şeýle-de bolsa, hojaýynym gowy adam bolup çykdy.

Şol 41-nji ýylyň awgust aýynda, fronty böwsüp, “özümiziňkilere” gaçyp barmaklyga synanyşdyk. Emma bu şowsuz boldy. Nemeslere ýesir düşdük. Bizi öňinçä, Latwiýanyň paýtagty Rigada öňki bir kazarmada, soňra bolsa Litwanyň Şirwind diýen bir şäherjiginiň ýanynda harby ýesirlikde sakladylar.





*Şirwind* harby ýesirler lageri ägirt uludy. Şonda ýer kümelerde iň azyndan 15- 20 müň ýesir ýerleştirilipdi. Harby ýesirler milletlerine we jynslaryna garap, birnäçe baraklara/kümelere bölünildi: ruslar bir barakda, ukrainler we beloruslar başga bir barakda, kawkazlylar bir barakda we aziýalylar hem başga barakda ýerleşdirilipdi. Aziýalylar baragy özbekler, gazaklar, gyrgyzlar, türkmenler, täjikler,

tatarlar, Mongollar we şolara meňzeşlerden hyryn-dykyn edilip doldurylypdy.

Ýer kümeler gaty sowukdy. Hususanan düşek üçin saman-selin ýaly otlar ýetişmeýärdi, aşa çyglylykdan köseňýärdik. Ýapynmaga ýorgan diýen ýaly zat ýokdy, her kes esgerlikden galan şinellerini bürenýärdi. Munuň üstesine, iýmit diýseň ýamandy. Günüňe bir gezek suwa gaýnadylan şalgam çorbasy we bir-iki ýüz gram çörek we setanda-seýranda bir gaşyk powidlo/mürrebe berilýärdi. Açlyk-horlukdan ölýänleriň sany gün günden artýardy, gününe 10-20-ä, kä günler hatda bir ýüz adama baryp ýetýärdi. Bu, elbetde, ýesirleriň özleriniň çaklamalary.

Sowet harby ýesirleriniň şeýle gözgyny ýagdaýyndan aladalanyp, Halkara Gyzyl Haç guramasy Sowet hökümetine ýüzlenip, harby ýesirler barasyndaky halkara kada-düzgünlere eýerip, öz ýesirleri barasynda aladalanmaga we kömek etmeklige çagyrypdy. Şeýle çagyryşlara Stalin özüne has bolan yzgytsyzlyk bilen: “Meniň harby ýesirlerim ýok, diňe watan haýynlarym bar" diýip jogop beripdi. Şol söz bilen millionlarça ýesiriň diňe ýesirem däl, basylyp alnan ýerler-de galanlaryň soňky takdyryna gara tagma basypdy.

Ýöne il arasynda aýdylyşy aly, bu jany beren Stalin däldi, ajaly ýetmese adamyň diri galmagyna bir zat sebäp tapylar.

## *TÜRKÜSTAN LEGÝONY*




**Weli Kaýýum han nems nazi ofiseri bilen**

**Günlerde bir gün aziýalylaryň baragyny görmäge, ýesirler bilen görşüp-tanyşmaklyga "Weli Kaýýum han" diýen biriniň geljekdigini bildirdiler. Ol, hakykatdan-da, 41-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrlarynda ýa-da 42-nji ýylyň ýanwar aýynyň başlarynda lagere geldi we Türküstanlylary ýeke-ýekeden çagyryp sözleşdi we bizi Germaniýa işe aldyrmak üçin hereket etjekdigini aýtdy. Şondan bir aý Geçer geçmez, 42-nji ýylyň fewralynda gazak, gyrgyz, özbek we türkmenlerden takmynan**

**50-60 sany ýesir saýlanyp alyp, lagerden çykaryldy we ýolagçy otly wogonlaryna salnyp, nemes esgerleriniň gözegçiligi astynda, niredir bir ýere alnyp gidildi.**




**Bir-iki günden soňra bizi *Polşanyň Zielonka* diýen bir tokaýlygyna alyp bardylar. Goragçy nemes esgerleri birden ýok bolup gitdiler. Şonda ilkinji gezek nemes esgeri formasyndaky Türküstanlylara gözümiz düşdi. Bizi hammama düşürip, iýmitlenlerinden soňra, ertesi güni, şol 42-nji ýylyň Fewral aýynyň ortalarynda, hatara duruzdylar we şonda bir nemes ofiseri maýor “Maýer Mader” türki şiwesinde: “Hoş geldiňiz!" diýip gutlady we şu günden başlap, biziň German armiýasynyň hatarynda esger bolup gulluk etjekdigimizi aýtady. Isleýärmisiňiz ýa islemeýärmisiňiz diýp soranam bolmady. Şondan soňra eýýäm düzülip formirlenen**

**gazak, Gyrgyz, özbek, täjik we türkmen rotalarynyň komandirleri öz ildeşterini çagyrydy[3].**



**Türküstanly harby ýesirler**

**[3] Türküstan legiony (nemesçe: Turkistanische legion) Ikinji jahan urşy döwründe Wehrmachtda söweşen türki halklaryndan düzülen harby bölümleriň adydy. Bu goşunlaryň köpüsi nemesler bilen hyzmatdaşlyk etdi. Ilkinji Türküstan legiony 1942-nji ýylyň maý aýynda mobilizlenipdi, başda diňe bir batalýondan ybaratdy, ýöne 1943-nji ýyla çenli 16 batalýona we 16000 esgere çenli giňeldi.**
**Türküstan legionynyň batalýonlary 162-nji pyýada goşun bölüminiň bir bölegini emele getirdi we Axis basyp alan Ýugoslawiýada (esasanam häzirki Horwatiýa) we Italiýada köp hereket etdi.**
**Türküstan legionynyň köp bölegi ahyrsoňy Iňlis goşunlary tarapyndan tussag edildi we söweş gutarandan soň Sowet Soýuzyna iberildi, faşistler bilen hyzmatdaşlygy sebäpli Sowet hökümeti tarapyndan jezalandyrydy ýa-da türmä basyldylar.**






Jəni Türkistan

Türkistan Legioniniŋ həptəlik gazetəsi | № 10 5— MAJ 1943 — jıl.

Veli Kajum-xan

**Türkistanlılar! Birləşiniz, küreşiniz, jurtqa bariniz! Sizniŋ üjiŋiz, tuqulqan jeriŋiz Türkistandir!** Veli Kajum-xan

**Bizniŋ jeŋilməs jolimiz**

Türkmen leýtenanty Allaberdi Garajaýew diňe ýekeje meni gutlamaly boldy. Gelen başga türkmen ýokdy. Soňra ol meni käbir türkmenler bilen tanyşdyrdy, hususanam rotanyň starşinasy we Unter ofiseri bilen.

Meniň hatly-sowatlydygym, hatda rusçany-da okamany we ýazmany gowy bilýändigim üçin, Garajaýew maňa: “Sen meniň ýanymda bolarsyň” diýdi. Şeýlelikde, men onuň ordinarýesi hem-de şahsy sekretary boldum.

Garajaýew hakynda şu ýerde aýdanlarymdan başga maglumatym ýok. Şol wagtlar hiç geljegi düşünmän ekenimiz.

Ýöne welin onuň erkek dogany Moşçy Garajaýewiň ogly Moşçew Jumadurdy diýen birisi Aşgabatdan maňa Garajaýewiň Gyzyl esgerlikde düşen bir suratyny beripdir we “şumy şol leýtenant Garajaýew?" diýip sorapdyr. Mende onuň nemes esgerligindäki suraty ýok, emma şol Garajaýew bolmaly.

Onuň 1922-nji ýylda doglandygy, Kaka raýonynyň “Akjadepe” obasyndandygy bildirilýär. Erkek dogany Moşçy Garaşaýew we aýal doganlary Ojan we Abadan Çäçe obasyndan ýaly görünýär. Ejesiniň ady Amangül’mişin.

Ýogsam-da, batalonyň med_doktory-da Emin ýa Eminow diýen türkmendi. Ol barada-da hiç bir maglumatym ýok.

Men nemes esgerligimiň soňky üç ýylyny dürli-dürli gospitallarda işläp geçirdim. Şolarda türkmen ýok diýen ýalydy. Soňra-da hiç biriniň adresi ýazylyp alynmandyr.

Esasy güürüňe dolansam, şol birinji (450-nji) Türküstan pyýada batalonyň maýory Maýer Maderiň komandirligi astynda Polşanyň *Sknerniýewiçe* şäherinde bir gyrgyz rotasyndan, bir özbek, bir gazak, bir türkmen rotasyndan hem-de bir täjik pulemýotçy wzwody we batalonyň ştabyndan ybarat formirlendi. Ilkinji synag hökmünde, 42-nji ýylyň ýazynda Brýansk Tokaýlygynda, partizanlara garşy urşa salyndy. Bu batalon Ukrainanyň *Gluhow we Ýampol* şäherlerinde ýerleşip, partizanlara garşy uruşda edermenlik görkezdiler we özlerine ýüklenen tamany ödediler.

Soňra şol ýere 2-nji we 3-nji Türküstan batalonlary-da getirildi.

Şeýle-de bolsa, türküstanlylaryň "ata" diýp sylanýan maýory Maýer Moder 1-nji batalýonyň komandirliginden boşadyldy, onuň ornuna maýor *Bergen* bellenildi we ol şu batalony uly ýörişi bilen Brýansk tokaýlygyndan Stalingrada tarap, Galmyk çölüne çenli alyp bardy we şol ýerde, *Zlistanyň* golaýynda *Ýaşkul* diýen ýerde mesken tutluk.

Men ähli şu uruş-söweşlere dogrudan-dogry gatnaşmadym. Çünki, birinjnden, leýtenant Garajaýewiň ordinariýe-sindedim, ikinjinden bolsa meýor Maýer Mader baryp *Sknerniýewiç'dekäk,* her milletiň sowatlyraklaryndan, ýagny

bir türkmenden, bir özbekden, bir gazakdan, bir gyrgyzdan yrabat bir topar döretdi. Bu şu gün *"publik peleýşin"* diýip atlandyryp boljak toparyň wezipesi, batalonyň içindäki täzelikler barasynda hem-de frontyň barşyndan habar berýän kiçijik bir gazet çykarmaklykdan, şeýle-de nemesçe-türküstançe harby sözlük taýýarlanakdan ybaratdy. Munuň üçin garamagymyzda köneräk bir rotatorymyz bardy.

Şeýlelikde, meniň golumdaky "ok-ýarag" bir katalogdan, bir flaga (mytara) we galam-karandaşdan ybaratdy. Gepiň gerdişine görä aýtsam, gaty primitiw usul bilen bolsa-da, harby sözlegi çap edip bildik.

Ýeri gelende aýtsam, şu güýmenje, şu kär meniň galan ömrümiň esasy ugry boldy, takdyryň emri bilen men galan ömrümiň manyly bölegini bu işe bagş etmeli boldun.

****

Indi şol taryhyň dowany, gören görgülerimi, başdan geçirenlerimi beýan edeýin.

Maýor Maderiň "gruppasynda" gyrgyz "Almammedow" we "Kabaýew", gazak "Mejid Aýapbek", özbek Ibraýymow we men bardym. 1943-nji ýylyň başlarynda bolsa gerek, biziň türkmen rotamyzyň komandiri *Allaberdi Garajaýew* Galmyk

**çöllüginde razwedka giden wagtynda, Sowet gwardiýa esgerleriniň goýan minalaryna düşüp, gaty ýaralandy we şonuň netinjesinde bir-iki günüň içinde aradan çykdy. Ony şol Ýaşkul obasynda, batalýonyň mollasy *Nureddiniň* Kuran Kerim okanagy we köp eskerleriniň gatnaşmagynda dabaraly jaýladyk. Alla rehmet eýlesin oňa!**



**Şondan soň Stalingrad frontunda nemesler ýeňlişe sezewar bolup başladylar we biziň batalonymyza ýuwaş-ýuwaşdan yza çekilmeklik barasynda buýruk berildi. Yza çekilmeklik aňsat bolmady– biz gabawda galypdyrys. Her halda bize *Kuban-Kerç* arkaly *Hersona/Ukraina* gelip çykmak başartdy. Şol ýerde men nemes bolmadyk meýletinler üçin döredilen harby gospital "H-B lazaretde dilmaç bolup işe ýerleşdim hem-de lazaretiň hojalyk işlerine kömekleşdim. Bu 43-nji ýylyň ýazyndady.**

Şol 43-nji ýylyň aýagynda bolsa şeýle wezipe bilen Polşanyň paýtagty Warşawada "NB" lazaret.IIIde" gulluk etdim. Şu lazaret 1944-nji ýylyň ortalarynda Warşawadan göçüp, Germaniýanyň *Wurtemberg* welaýatynyň Tübingen şäheriniň golaýyndaky *Hoýberg* diýen ýere baryp ýerleşdi. 1945-nji ýylyň başlaryna çenli men şol ýerdedim.

Soňra rugsada çykyp, öňi bilen *Badenwaýler* diýen kurorta bardym, şol ýerden bolsa Berline gaýtdym.

## *TÜRKÜSTAN MILLI BIRLIK KOMITETI*

### *(TÜRKMENLER BILEN DUWŞUŞYK)*



**Ýokarda, soldan: doganlar Aman we Gurt Berdimyratlar**
**Aşakda, soldan:Allamyrat Halylogly—Gurban Remezan[4]**

[4] **1918-nji ýylda Gyzyl-arbatda dogulýar. Asly Gökleňlerden bolan Gurban 1935-nji ýyllarda Bakudaky mugallymçylyk inistituti gutaryp , äzarbeýjan gyzy bilen durmuş guryar. 2-nji jahan urşunda Almanalara ýesir düşyär. 1945-1965 nji ýyllar arasynda ilki Berlin soňra bolsa Inglisleriñ Kipirde ýola goýan radiosynda iyşleýär. 1965-nji yyllarda SSSR-de günä geçiş yglan edilenden soň Türkmenistana dolanyp baryar we näbelli ýagdaýda-maşyn kakamasy sebäpli- aradan çykýar. Gurbanyñ, Remezan diýen edebi lakamy hem bolupdyr.1944-njy ýylda Gurban Berlinde, latyn elip-biýsinda *Magtymgulynyň goşgularyny neşir etdiripdir*. (Täçmyrt aganyň maňa beren maglumatyndan-AG)**

**Men şol ýerde “Türküstan Milli birlik Komitetinde”[5] işleýän ozalky taryh mugallymym Remezan Gurbany, türknen ofiseri Myrat Ataýewi, şeýlede Han Ýomudskini, doganlar Gurt we Aman Berdimyratlary gördüm. Komitetiň prezidenti Weli Kaýýun Han bilen duşuşdyrdylar.**

**1945-nji ýylyň 3-nji fewralynda Berlinde rugsadymy gutaryp, ýene şol işleýän lazaretime Hoýberg diýen ýere tarap ýola düşmeli boldum. Şonuň üçin men birki günlük ýolagçy imek-içmegini almak üçin, Berliniň Banhof Fridrih Ştrasse diýen ýerinde, fronta iberilýän esgerleri gerekli zatlar bilen üpjün edýän harby edara-Front *Leýtştella* bardym. Şol wagtam Berlin güýçli bombalaýşa sezewar boldy. Men derrew şol uly janyň bir otagyna girdim. Emma weli maňa: "Siz başga bir otaga geçiň, çünki bu otogda sizlere paýlanýan azyk-imitlermiz saklanýar we personallarymyz, hususanam med_sestralar ýerleşýär" diýdiler.**

**Men ikinji bir otaga baryp girdim. Bombalaýyşdan soňra görsek, meniň şol soňky baran otagymdan beýleki otaglar**

**[5] Türkistan Milli Birlgi (TMB), 1921-nji ýylyň dekabrynda Türküstan intellektuallary tarapyndan Türküstanda gizlinlikde başlanan syýasy hereket. Onuň maksady Beýik Türküstan geografiýasynda garaşsyz milli döwlet gurmakdy. Sowetlere garşy göreşde ýeňilmegi bilen daşarky ýurda göçen TMB hereketi, ilki Germaniýada, soňra bolsa Türkiýede işini dowam etdirdi.**

ýykylyp-ýumrulypdyr we şol ýerdäkileriň hemmesi diýen ýaly heläk bolupdyrlar. Biziň çöregimiz bitin eken, heniz ajalymyz ýetmän eken. Meniň entek görjegim bar eken. Hudýa şükür !




Türk Kültür Birliginiň ilkinji ýygnagy. 7.7.1941. Istanbul
Dr. Garadagly hanymy bilen öň hatarda



A.Garadagly

## *JANYŇY NIREDE SAKLAMALY?*

### (URŞDAN SOŇRAKY ÝAGDAÝLAR; YZARLANMALAR, T ÜRKIÝÄ AŞMAK, OKUW, ÖÝLENMEK)

**Urşuň uzaga çekjekdigini we Hitleriň ýeňilmegi bilen gutarjaklygy äşgär bolýardy. Şonuň üçin-de biz türkmenler Berlindekäk uruş gutaraýjak bolsa, Tübingen şäherinde medisin okaýan we doktor boljak bolýan asly Eýranly, Türk watandaşy, Türkmen Ahmet Garadaglynyň we aýaly Nurymanyň etrafynda/töwereginde duşuşmaklyga karar berdik.**

**Şu aralykda "Türkistan Komiteti"-de Berlinden göçüpdir we onuň bir bölegi *Fon_Wlseniň* baş tutanlygynda Germaniýanyň *Detmold* şäheriniň golaýynda *Beferungen* diýen ýerde ýerleşipdi.**

**Şol ýerde Myrat Ataýew we Kurt hem Aman Berdimyrat Tübingene gelip, meni şol ýerden alyp gitdiler. Beferungda bize türk watandaşy diýen pasport- Fremden Pass alyp berdiler. Biz esger geýimlerimizi zibile çalyşdyk we aprel aýynyň içinde Tübingene gelip ýerleşdik. Bizler Gurban**

**Remezan, Ata Myrat, Kurt hem Aman Berdimyrat we men hem-de köne emigrant Han Ýomudskiý[6].**

***Gynansakda, Han Ýomudskiý barasynda mende maglumat ýok, çünki men Berlinde olar bilen bile işläp, gürrüňdeş bolmadym.***

**Men Tübingende *Wilnaýeriň* maşgalasynyň öýüniň bir otagynda (Betle köçesiniň 11-nji jaýynda) ýaşadym. Uruş heniz gutarmandy. Her gün diýen ýaly amerikan razwedkaçy uçarlary gaty pessejikden uçup (tiffliger), ýörite obýektleri pulemýot okuna tutýardylar. Günlerde bir gün şol oklaryň käbiri meniň otagymyň penjiresinden girip, edil krowatymyň üstüne düşüpdir. Men öýde ýokdum. Eger öýde bolan bolsam, kim bilýär, meni o dünýä alyp gitjekdi. Ýene Hudaý saklady, diri galdym.**

**[6] Bu N.N.Ýomudskýi (Han Ýomudyň) ogly Hydyr han bolmaly. Ol dogany Läli han bilen Kümüşdepe ýaşan wagty şol wagtlar K.Depe bolan Türk ofiseri Kadir efendi bilen iň ýakyn gatnaşykda bolýarlar. Doganlar Hydyr we Läli han, 1924-1925–nji ýyllarda Türkmensähraly türkmenleriň erkinligi ugrunda Osman ahun dagy bilen Eýran hökümetine garşy bile göreşipdiler. Läli han Kümüşdepede bir harby mekdep ýola goýup, türkmen söweşijilere urş tälimini beripdir. Ondan soňra asly Çelekenli Läli han yzyna dolanyp, Çelekende ýaşandygy hem şol ýerde aradan çykandygy aýdylýar. Hydyr han bolsa Kadyr efendi bilen Türkiýä we ol ýerden Ýewropa bosa-bolslyk edýär. (Arne Goli)**

Zalym Ikinji jahan urşy gutaranda, biz Tübingen'dedik. 1945-nji ýylyň 19-njy aprelinde şu şähere esasan *marokkanlardan* ybarat bolan fransuz esgerleri girip geldiler. Birnäçe gün resmi talaňçylyga rugsat berildi. Hususanan demirýol stansiýasyndaky imek-içmek wagonlar talandy. Ýöne uruş biz üçin tamamlanmandy, onuň haçan tamamlanjagam belli däldi.

Biz soýuzdaş Türkiýäniň watandaşy bolanymyz üçin, fransuzlar bizi öz howandarlygy astyna aldylar we bizi imek-içmek we ýaşaýyş jaý bilen üpjün edip geldiler. Emma aýdylyşy ýaly, mesele diňe garnyňy doýurmakda däl. *Ykbalymyz nähili boljak?! Sowet agentleri edil öz ýurtlarynda ýaly bizi yzarlap ýördüler, çünki olar bizi haýyn we dönük hasaplaýarlar. Hususanam, fransuz harby häkimiýetleri Sowet agentlerine eden-etdilige ýol berdiler.*

Şol wagtlar Münhen şäherinde türki milletlerden bolan emigrantlary– türkmenleri, özbekleri, gazak-gyrgyzlary we tatarlary Türkiýä alyp gitmek üçin bir Komitet döredilendigini eşitdik. Bu komiteti ähli şol emigrantlar türklerdir diýip, şolara degişli şahadatnamalar berip, harby häkimiýetler öňünde olaryň bähbitlerini goraýanmyşlar diýen habar bize gelip ýetdi.

Şeýlelikde, bizem Tübingeni terk edip, Münhene göçüp geldik. Görsek, hakykatdanam bu türk komiteti ähli asly türk bolan bosgunlary öz howandarlygy astyna alyp, uly bir lagere ýerleşdirip, olary UHPPA guramasy arkaly azyk-imit bilen üpjin edip, şolary Türkiýa alyp gitmek üçin herekete geçipdirler, Germaniýada öz okularyny gutaran bu türk gerçekleri— *Sadi Kerimoglu*, *Nihat Tezeren, Jelal Soýlak, Jewad Beý we bir hanym*, bizi-de öz howondarlyklary astyna aldylar. Emma biziň aramyzda derrew Türkiýä gitmezden, şu ýerde Münhende galyp, uniwersitetde okamak meýillilerde bardy. Türkmenlerden, hususan, Aman Berdimyrat, Myrat Halylogly we meniň özün. Ýöne welin uniwersitete girmek üçin, hiç birimiziň elimizde orta mekdebi gutaranlygynyz barasynda şahadatnama ýokdy we şol dokumentleri watandan getirmäge-de asla mümkinçilik ýokdy. Şol wagt türk komitetiniň başlygy Sädi beý meni kabul edip: "Murat beý, Münhende 1904-nji ýylda gurlan "Münhen -Türk Talebe/student birligi" bardyr. Şony dowam etdiriň we okuwa meýillilere "onuň ýetişenlik attestaty we beýleki dokumentteri Berlin we Drezden şäherleri bombalanan wagtynda ähli goşlary bilen birlikde ýok boldy" diýip şaýatnama beriň diýdi" diýersiňiz. Bu häzirlikçe uniwersitete ýol açar" diýip aýtady. "Ýurt bilen aragatnaşyklar ýola goýlup,

hat-habar alyşmak mükkinçiligi açylandan soňra, dokumentlerimizi getireris diýip söz beriň" diýip, Sadi beý maslahat berdi. Edil onuň diýeni ýaly etdik. Münhende “Türk Talebe Birligini" dowam etdirdik. Täzeden dikeldilen Talebe birliginiň ilkinji başlygy wezipesine meni saýladylar. Şondan soň, edil Sädi Kerimoglunyň aýdyny ýaly, 10-12 sany oglany we gyzy-türkmen, azeri, gazanly we krymly tatarlary Münheniň uniwersitetine ýerleşdirdik.

Gepiň gerdişine görä aýtsam, 1946-njy ýylyň ahyrlarynda “Münhen Türk Talebe Birliginiň” başlyklygyny türk watandaşy bolan diplomly inžener *Ata Ambarçyogluna* tabşyrdyk,

Şol 1946-njy ýylyň içinde biziň lagerimiz Ýokary Bawariýanyň *Mittenwald* şäherindäki öňki nemes dagly esgerleriň kazarmasyna göçürildi. Şol ýerde "Münih Türk Komitetiniň” tagallasy bilen we belkei, türk hökümetiniň gollamagynda Bawariýadaky amerikan goşunyndaky türk temsilçisi/wekili ýüzbaşy *Ishan Üneseý* biziň lagerinize gelip, Türkiýä gitjekleri regisitirledi. Gynansak-da, ýüzbaşy şol spisoklar/sanawlar bilen Türkiýä uçup barýarka, Ýugoslawiýanyň üstünde onuň aýeroplany urlup düşürildi. Ýüzbaşy Ishan beý wepat boldy. Alla rehmet eýlesin oňa!

**Emma normal poçta bilen iberilen şol spisogyň bir nusgasy Türk hökümetine baryp gowşupdyr.**

**Şeýle-de bolsa, bu türkleri Türkiýä aldyrmaklyk aňsat bolmady, çünki, birinjiden, Türkiýäniň Milli Mejlisi bularyň arasynda içalylar kän bolaýmasyn diýip howatyrlansa, ikinjiden, Sowet hökümetiniň ol adamlaryň özüne berilmegini talap edip, Soýuzdaş ýurtlara, şeýle-de Türkiýä zor salmasy barha güýçlenýärdi. Hususanam, Beýik Britaniýa öňki legionerleri hatda ýarag güýji bilen Sowet Soýuzyna gaýdyp berýärdi. Soňra-da, şu bosgunlar ýerleşen lagerlerde-de olary *ýarag güýji bilen bolsa-da SSSR-e gaýtarylyp berilmegi üçin hereket edýän Sowet agentleri we agentlikleri gaty kändi.***



**Gepiň gerdişine görä aýtsak, "Türküstan Milli Birlik Komitetiniň" harby bölüminiň başlygy ýüzbaşy, doktor "Baýmyrza Haýtyň[7]" maglumatlaryna görä, Türküstan legionynyň hataryndaky esger we ofiserleriň sany 1944–**

**[7] Baýmirza 1917-nji ýylyň 17-nji dekabry - 2006-njy ýylyň 31-nji oktýabry) Türküstan we Merkezi Aziýa boýunça ylmy barlag geçiren özbek taryhçysy we gündogary öwreniji. Sowet goşunynda sowatly kapitan bolup işleýärkä, 1942-nji ýylda Polşada nemesler tarapyndan ýesir alyndy. Haýit birnäçe wagtlap Türküstan legionynda gulluk edip, nasistleriň ýarany boldy. Soňra Weli Kaýum**

nji ýylyň ahyrynda 181402 adam bolupdyr. Bulardan başgada, Legiona hyzmat edýän, esger formaly 85 müň kişilik işçi Birligi bar ekeni. Şeýlelikde, Legionda jemi 267 müňden gowrak adam gulluk edipdir. Şolaryň Sowet Soýuzyna gaýdyp barmaklygy ret edýänlerden 200 müňüne zor bilen gaýdyp berilmek howpy abanýardy.

Ahyr soňy Günbatar Soýuzdaşlaryň ýaragly güýçleriniň baş komandiri general Eýzenhawer 1945-nji ýylyň noýabr aýynda hiç kimiň Sowet Soýuzyna zor bilen ýarag güýjüne daýanylyp gaýtarylyp berilmejekdigi barasynda buýruk çykardy. Şondan soňra bu Ikinji jahan urşunyň bosgundaryna we diri saklanyp galan öňki legionerlere daşary ýurtlarda başpena gözlemeklige ýol açyldy. Günbatarda galan Türk-musulmanlaryna 1946-48-njy ýyllar arasynda Türkiýe başpena hukugyny berdi. Olaryň sany 4-5 müň adam

hanyň ýolbaşçylygyndaky "Türküstanyň Milli Birlik Komitetine" goşuldy we harby ganatyň jogapkär komitetiniň agzasy boldy. Uruşdan soň amerikalylar tarapyndan tussag edildi. Nazist däldigi, Türküstanyň garaşsyzlygy ugrunda göreşýändigi belli bolanda boşadyldy. 1947-nji ýylda Münster uniwersitetine kabul edildi. Ömrüniň ahyryna çenli Sowet Soýuzynda türk halklarynyň syýasy, taryhy we dini meseleleri boýunça Sowet Soýuzynyň taryhy-barlag işi bilen meşgullandy. 2006-njy ýylyň 31-nji oktýabrynda Germaniýanyň Köln şäherinde 88 ýaşynda aradan çykdy. (W.pedia)

**çemesidi. Şolaryň 500 çemesi Türküstanly. Ýöne weli bu hakda anyk maglunatlar ýok.**

**Münhen uniwersitetine alnan studentleriň-de hemmesi diýen ýaly Türkiýä gidip, şol ýerde sapaklaryny dowen etdirdiler we üstünlik bilen tamaladylar.**

**Bu ýerde galanlaryň ýagdaýy ýaramazdy, çünki, birinjiden, maliýe serişdeleri ýokdy. Ikinjiden, kem-kemden ýetişenlik attestatyny talap edýärdiler. Şonun üçin ahyr soňy Sowet Soýuzyndan çykyp gelendigimizi açyk aýtmaly bolduk we orta mekdebi gutaran şahadatnama talabynyň bagyşlanmagyny haýyş etdik. Fakultetler biziň nemes dilini bilşimizi we beýleki sowatlylyk ukybymyzyň derňänlerinden soňra, şahadatnama talaby ýatyryldy.**

**Şeýlelikde, ine, meselen, Aman Berdimyrat hukuk fakultetinde "Sowet Soýuzynda Türkistanyň mysalynda milletter meselesi" diýen temada doktorlyk işini bitirdi. Ýene bir gazanly tatar (adyny unutdym) medisina fakultetini gutaryp, Amerika gitdi. Menen “Sowet Soýuzynda oba hojalygynyň kollektiwleşdirilmegi we daýnanlaryň hal-ýagdaýy" diýen temada ykdysadyýet fakultetinde diplom işini tabşyrdyn.**

**1950-nji ýylyň 8-nji iýulynda Münhende SSSR-i öwrenme Instituty döredildi. Meni 1959-njy ýylda şoňa korrespondent agza edip aldylar.**

**Şu aralykda öýlendim. 1950-nji ýylyň 12-nji awgustynda Münhende gyzym boldy. Onuň adyna Kamen Gülnar dakdyk.**

**Şeýlelikde, indi maşgalany eklemek we terbiýelemek wezipesi-de ör boýuna galdy.**

## KADALY DURMUŞYŇ GÖZLEGINDE

### (TÜRKISTAN MILLI KOMITETINDE)

**Ellinji ýyllaryň başlarynda sowuk urşuň ýitileşip möwç alan döwründe amerikan žurnalistleriniň, publisistleriň we meşhur jemgyýetçilik işgärleriniň bir topary, “Russiýa halklaryny azat etmekligiň Amerikan Komitetini” döretdiler. Munuň başynda Ýewgeni Laýons, Issak Don Lewin, ýazyjy Uolem White, Harwart uniwersitetiniň professorlary Uolen Zlýot, Sowet režimi barasynda birnäçe eserleriň awtory Çamberlen, Birleşen Ştatlaryň Moskwadaky ozalky ilçisi, admiral Alen Kerk dagy bardy.**



**Soldan: Chamberlin- Ishak Don Levin- Yevgeny Layonc**

**Şu amerikan Komitetiniň maksady rus syýasy guramalaryny we rus däl halklaryň milli komitetlerini, bolşewizme garşy göreşe birleşdirmekden, jebisleşdirmekden ybaratdy. Takmynan bir ýyl çenesi alnyp barlan gepleşiklerden soň, 4**

**rus syýasy guramasy we 5 rus däl milli komitetler arasynda "Bolşewizme garşy göreş boýunça koordinasion Merkez" döredildi. Bu Merkeziň maksady, SSSR-iň territoriýasynda ýaşaýaş halklary kommunistik diktaturanyň zulumyndan azat etmek we halklaryň erk-islelerine laýyk demokratik gurluşygy ornaşdyrmakdan ybaratdy.**

**Şol guramalar hem komitetler şu aşakdaky adamlardan durýardy:**

- **Halk azatlygy ugrunda Göreş ligasy (ýolbaşçylary: B.I.Nikolaýewskiý, W.M.Zenzinow);**
- **Russiýa Halk Hereketi (Ý.Kerenskiý, I.Ý.Kurganow);**
- **Russiýany azat etmegiň Göreş Soýuzy (S. P. Melgunow, Solowýew);**
- **Rus kalklaryny Azat etmegiň göreş soýuzy, - gysgaça “SBONR” (B.A.Ýakowlew, G.I. Antonow).**
- **Rus däl milli komitetter: Azerbaýjanyň Milli Azatlyk Komiteti (J.Hajybeýli, I.Akber);**
- **Azatlyk ugrundaky Ermeni goreşijileriniň birleşigi (Saaruni, Şauni);**
- **Demirgazyk Kakwkazly Milli Birleşigi—”SKANO” (A.Awtoriýanow, Gappo);**
- **Gürji Milli Soweti (N.K. Çintsadze, Skirtladze);**

- **Tüküstan Milli Azatlyk komiteti –“Turkili” (K. Kanatbaý, Dr. Aman Berdimyrat.**



**Yurist/hukukçy. Dr. Aman Berdimyrat**
**(10 awg 1923—9 mart 2007)**

**1942 nji ýylyň Awgustynda Berlinde Weli Kaýýum hanyň ýolbaçylygynda gurlan "Türkistan Milli birlik komiteti” ähli şu gepleşiklere we soňky işlere gatnaşmady. Komitetiň ýolbaşçylygy: "Ruslaryň agy-da, gazyly-da biziň duşmanynyz. Şonuň üçni-de, şolar bilen hiç haçan iş salyşmajakdyrys" diýip belli etdiler.**



Müellif Prof. Dr. Tahir Çagatay

**Şeýle-de, şol gepleşiklere Türkiýedaki professor Dr. Tahyr Çagataýyň başlyklygyndaky "Türkistan Milli Merkezi-da" gatnaşmady. Ýöne welin şol Merkez SSSR haklaryny halas etmek Ligasynda merkeze wekilçilik etmekligi maňa tabşyryp, wekalatname berdi.**

Men Türkistan Milli Birlik komitetiniň agzasy däldim. Ýöne welin onuň organy bolan "Milli Türküstan" žurnalyna makalalar ýazmak bilen gatnaşardym.




Emma men 1950-njy ýylda Münhende döredilen “*Türkistan Milli Azatlyk Komiteti*- TÜRK_Ili’niň” agzasydym we şol komitetiň 1952-nji ýylyň 29—30-njy awgustynda geçirilen Türküstan emigrantlarynyň 1-nji Konferensiýasynda, şol Komitetiň ýolbaşçylygynyň hataryna saýlanypdym. Maňa Komitetiň hojalyk bölüminiň ýolbaşçylygy hem-de Komitetiň organy bolon "Türkili" žurnalynyň tehniki redaktorlygy tabşyryldy.

Şol wagt howpsuzlyk nukdaý nazaryndan ugur alyp, men Komitetde *"Erkin"* lakamyny ulanýardym we şol lakam bilen makalalar ýazýardym.

Ýeri gelende Türkistanyň milli liderleriniň käbiriniň adyny ýatlap geçmek zerurdyr. Olardan ilkinji ýatlanmalylaryň biri öz ildeşimiz Han Ýomudskiý:



1- Han Ýomudskiý barasynda hiç hili material tapyp bilmedim. Ol uruşdan soň biziň bilen gysga wagtlyk Germaniýanyň Tübingen şäherinde bolanyndan soň, Fransiýa gaýdyp gitdi. Bize-de: “Isleseňiz geliň, bile gideýliň. Çörek iýerseňiz" diýdi. Biçäre türkmençesini gaty unudyrdyr. Ol fransuz armiýasynyň kapitany ekeni.

Uruş gutaran dessine Fransiýada berkarar edilen “Halk Fronty” hökümeti-çepçiler, Fransiýadaky general Wlasowyň ofiserlerini, şeýle-de nemesler bilen hyzmatdşalyk edenleri Sowetlere gaýdyp berdiler. Şolaryň arasynda ildeşimiz Han Ýomudskiý-de bolmaly. Olaryň hemmesi 1947-nji ýylda jezalandyrylyp öldürilipdir.[8]

[8] Ýazyjy Rahym Esenowyň maglumatyna görä Hydyr han 1969-njy ýylda Parižda aradan çykypdr. Ol garyndaşlary bilen hat alşypdyr.



2- Şu bir waktda Musatafa beg Çokaý oglunyň-da terjimehalyny ýatlaýaryn. Çünki eger-de Türküstanyň milli azatlyk hereketiniň ýolbaşçylary agzalsa, onda birinji nobatda Mustafa Çokaý oglunyň ady tutulmalydyr. Munuň-da ençeme sebäpleri bar. Şolardan birinjisi, Mustafa beý Çokaý ogly hakykatdan-da Türküstan milli azatlyk hereketiniň lideridi. Ol her tarapdan ösüp ýetişen şahsdy. Ýokary ylymly-bilimli, birnäçe dil bilýärdi we gaty medeniýetli adamdy. Daşary ýurt syýasy partiýalary bilen, hususanam, fransuz sosialtistleriniň ýolbaşçylary bilen gowy gatnaşykda durýardy.

Sowet döwründäki ýörgünli ady bilen aýdanymyzda, Orta Aziýa we Gazagystanyň milli-azatlyk hereketiniň ýolbaşçylaryndan biri bolan Mustafa beý Çokaý ogly 1890-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda Gazagystanyň Akmeçjit şäherinde, soňky Kyzyl_ordada eneden bolýar. Ol meşhur we tanymal Turgaý Dat_hanyň agtygydyr.

M.Çokaý heniz 27 ýaşyndaka 1917-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Kokantda jar edilen Türkestan Milli

awtonon hökümetiniň gurujylarynyň biri we soňra şonuň prezidenti bolýar. Emma bu hökümet uzak ýaşamaýar, Orsýetiň golastyndaky halklara öz ykbalyny öz kesgitlemek erkinligini wada eden bolşewikler ygrarsyzlyk we wepasyzlyk görkezip, ýaş garaşsyz hökümeti ýarag güýji bilen agdardy.

Türküstan Sowetler tarapynan basylyp alnadan soňra, 1919-njy ýylda Mustafa beý Çokaý ogly emigratsiýa çykmaklyga mejbur bolýar. Ol ilki başda Türkiýede, soňra Ýewropada, hususanam Fransiýada özüne syýasy başpena tapýar.

Onuň 1935-nji ýylda Parisde rus dilinde çap eden *"Türkestan Sowet hakimiýeti astynda"* atly kitaby Orta Aziýada-da dartgynly seslenmeler döreti.



Mustafa beý Çokaý ogly 1941-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Berliniň "Wiktoria" keselhanasynda garahassalyk keselinden aradan çykdy. Biwagt gelen ajal ikinji jahan urşunyň barşynda nemeslere ýesir düşen Orta Aziýaly watandaşlarynyň hal-ýagdaýyny

ýeňillendirmek üçin herekete geçen bir wagtynda, onuň ömür tanapy üzüldi. Biçäraniň ýatan ýeri ýagty bolsun!




*Berlinde M.Çokaý oglunyň mazarynda (Suratda A.Goli)*

3- Milli Türkestan Birlik komitetiniň başlygy, Türküstanyň garaşsyzlygy ugrunda ýadawsyz göreşip gelen göreşjeň Weli Kaýýum hany hem ýatlamalydyrys. Ol 1904-ini ýylyň 15-nji iýulynda Daşkentde abraýly maşgalada eneden dogluýar.



Weli Kaýum han 1922-nji ýylda Buhara Halk Jemhuryýetiniň Magaryf ministri Abdulrauf Fitret'iň inisiatiwasy boýunça Germaniýa iberilen studentleriň biridir. Ol öňi bilen Berlin uniwersitetiniň oba hojalyk fakultetine girýär. Şony gutarandan soň Kaýýum han şol uniwersitetiň Syýasy bilimler fakultetinde okuwyny dowen etdirýär. Şol fakultetde ol "Türküstanda medeniýet we syýasat" diýen temadan diplom işini ýazýar. Şol bir wagtda Germaniýa hakynda Türküstanyň metbugatlaryna makalalar ýazyp durupdyr. 1941-nji ýylda German-Sowet urşy başlananda, Kaýýum han Berlindedi. Şol wagt ol Berlinde ýaşaýan ýekeje Türküstanly bolsun gerek.

Türküstan Milli Hereketiniň görnükli ýolbaşçysy Mustafa Çokaý hem Weli Kaýýum han uruşda bir milliondan gowrak Türküstanlynyň – özbek, gazak, türkmen, gyrgyz we täjik milletinden bolanlaryň, almanlara ýesir düşendiklerini öwrendiler we şolary gutarmagyň ýoluny agtardylar. Bular Germaniýadaky dürli harby ýesirler lagerlerine aýlanyp, şolary açlyk-horlukdan, sowuk-ýalaňaçlykdan gutarmak üçin herekete geçdiler. Mustafa Çokaý şol lagerlere aýlanyp ýörkä, garahasasa keseline uçraýar we şol keseldenem

ýogalýar. Şondan soňra Germaniýadaky Türküstanly ýesirleri halas etmek wezipesi Weli Kaýýum hanyň üstüne düşýär. Şu maksatda ol ençeme gezek Alman häkimiýetlerine ýüzlenip, Türküstanlylaryň ykballarynyň ýenilleşdirilmegini haýyş etdi we oňa 1942-nji ýylyň başlarynda ençeme müň Türkistanlyny ýesirler lagerinden boşadyp, Germaniýada dürli işlerde ýerleşdirmekligi başardy.

W.Kaýýum han ýesir düşenlerden rus däl milletleriň esgerleriniň milli goşunlaryny düzmeklige, şol sanda Türküstan legionyny döretmeklige Alman hökümetiniň rugsat bermegi bilen şu ugurda iş alyp bardy. 1942-nji ýylyň awgust aýynda öňi bilen Weli Kaýýum hanyň baştutanlygynda, “Milli Türkestan Birlik Komiteti” guraldy, soňra Türküstan Legionyny döretmeklige girişdi.

1942-nji ýyl bilen 1945-nji ýyllar arasynda 112 müňden gowrak Türküstanly öz watanlarynyň garaşsyzlygy ugrunda söweşdiler.

Türküstanyň milli özbaşdaklygy ugrundaky göreşiň liderleriniň biri bolan Weli Kaýýum han 1993-nji ýylyň 13-nji awgustynda 89 ýaşynyň içinde, Almanyň

Dusseldorf şäherinde biziň aramyzdan aýryldy. Allanyň rehmetine gowuşsyn!

Esasy gürrüňimize dolansak, "Bolşewizme garşy göreş boýunça Koordinasion Merkeziň" ömri uzak bolmady. Rus guramalary bilen rus däl komitetler arasynda milli meselede düýpli gapma-garşylyklaryň barlygy tiz wagtyň içinde aýan boldy. Şonuň netijesinde eýýäm 1953-nji ýylyň sentýabrynda bu Merkez dargady. 1953-nji ýylyň tomsunda 9 emigrasion guramanyň "Tegernzeýe" konferensiýasynda rus däl partiýalar, Russiýanyň goly astyndaky kalklaryň deň_hukuklygyny we ykballaryň özleriniň kesgitlemek hukugynyň rus guranalarynyň ykar etmeklerini talap etdiler. Emma ruslar muňa razy däldiklerini ýaşyrmadylar.

Şondan soňra Türküstanyň wekili Dr. Aman Berdimyrat rus wekilleri Aleksandr Kerenska we S.Melgunowa ýüzlenip, olaryň, halklaryň ykballaryny özleriniň kesgitlemek hukugy barasynda umumy bir beýan_nama gol çekmäge razydyklaryny ýa-da razy däldiklerini çürt-kesik aýtmaklaryny sorady.



Soldan: Aleksander Kerenskii— Sergey Melgunow

**Muňa Kerenskii rus emigrasiýasy arasyndaky ozaldan belli "Nepredreşençestwo[9]" diýen formulany gaýtalady, ýagny bu mesele Sowet Soýuzy çagşandan soňra, şol halklaryň watanlarynda çözülmelidir diýip aýtdi. Çünki "heniz awlanmadyk aýynyň derisini häzirden paýlaşmaklyk bolmajakdyr" diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.**

**Şondan soňra konferensiýa tamamlandy, Koordinasion Merkez bolsa dargadyldy.**

[9] Adalatsyzlyk, gödeklik



**Türkistan legýonyndaky türkistanly esgerler. Nems eşiginde (google)**

## *AZATLYK RADIOSYNDA*
### *SÖZDEN IŞE*

### *"AZATLYK" RADIOSYNY GURMAK ÜÇIN DESLAPKY ÄDIMLER*




**"Herne bolsa, bähbit bolsun" diýen söz bar. Nähilem bolsa akylly başlanan islendik hereket ahyrynda boş galmaz eken. Ýaňky *"Bolşewizme garşy göreş boýunça Koordinasion Merkez" öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin, kuwwatly bir radio stansiýa-da gurmaklygy göz öňünde tutýardy.***

**Baryp 1950-nji ýyllaryň başlarynda, sowuk uruşyň ýitileşýän döwründe, anti-kommunistik meýilde bolan amerikan žurnalistlarynyň, publistleriniň we meşhur**

jemgiýetliçilik işgärleriniň bir topary, *"Russiýa halklaryny azat etmekligiň Amerikan Komitetetini"* döretdiler. Şonuň başynda Sowet režimi hakynda ençeme eseriň awtory we SSSR halklarynyň öz_ygtyýarly hak-hukuklarynyň tarapyna çykyş edip gelen *William Henry Chamberlin*, meşhur publisist *Isaac Don Levine*, ýazyjy *William White*, Birleşen Ştatlaryň Moskwadaky ozalky ilçisi *Jhone Dine*, Harwart Uniwersitetiniň professory *William Elliot*, görnukli elektrikşynas Tomas Edisonyň ogly *Charlz Edison*, prezident Franklin Ruziweltiň ýegeni *Nikolas Ruziwelt*, admiral *Jhon Kork* dagy durýardylar, Komitetiň ilkinji başlygy Amerikan harby deňiz flotynyň wice-admiraly *Lesli Steweks'di*. Bu Komitete soňra *Ýewgeniý Daýons*-da başlyklyk etdi.

Amerikan Komitetiniň maksady orus syýasy guramalaryny we orus däl halklaryň milli komitetlerini/ bolşewizma garşy göreşe birleşdirmeklikden, jebisleşdirmeklikden ybaratdy. Şuny gazanmak üçin, öňi bilen 1951-nji ýylyň noýabr aýynyň 3-i bilen 7-si arasynda Gunbatar Germaniýanyň WISBADEN şäherinde, soňra bolsa 1952-nji Ýylyň iýun aýynyň 19-i bilen 21-i arasynda ŞTARNBERGD'e 6 sany gaýry orus milli komitetetleri bilen 4 sany rus syýasy guramalarynyň ýolbaşçylarynyň maslahaty geçirildi.

Şol ŞTARNBERG konferensiýasynyň işiniň jemleri baradaky habarda, hususanam şeýle diýilýärdi: «Orus we milli guramalaryň konferensiýasynda bitewi bir anti_bolşewistik merkez döretmekligiň praktik ýollary ara alynyp maslahatlaşyldy. Konferensiýada, wagtlaýyn milletler_ara Koordinasion merkez döretmek boýunça taýýarlyk komissiýasyny, şeýlede wagtlaýyn Radio Komissiýasyny gurmak barasynda ylaşyk gazanyldy.»

Şondak soňra, 1952-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda MÜNHEN'de 4- orus syýasy guramalarynyň we 5 orus däl milli komitetleriniň wekilleri "Bolşewizme garşy göreş boýunça Koordinasion Merkez," hem-de "Radio Komissiýasyny" döretmek barasynda ylylaşyk gazandylar.»

Şu Merkez öz howandarlygy we ýolbaşçylygy astynda kuawatly bir radiostansiýa döretmek baradaky amerikan planyny gutlady we haýel etmezden onuň amala aşyrylmagy üçin işe girişdi we şeýle stansiýa tiz wagtyň içinde guruldy*. Şol döredilen radiostansiýa ilkinji gezek "Bolşewizma garşy göreş boýunça Koordinasion Merkeziň SESI höküminde efire çykdy.*

## *"Azatlyk" radiosy işe başlady*




**Emma 1953-nji ýylyň 1-nji martynda "Azatlyk" radiosy, orusça “Sowobodeniýe" ady bilen efire çykan wagtynda özbaşdak Türkmen redaksiýasy ýokdy, Sowet döwründäki Ýörgünli ady bilen aýdanymyzda Orta Aziýa respublikalary we Gazagystan üçin , şol respublikalaryň her birinden ýekeje işgär bilen *"Türkistan redaksiýasy"* döredilipdi. Ştaty 5 adamdan ybarat. Ýeri gelende aýytsak, oruslardan beýleki milletleriň-de ştaty 5 adamdy, ýagny ermeni redaksiýasy-da,**

gürjilerde, tatar-başgyrtlada, Demirgazyk Kawkazlar-da 5 adam bilen iş alyp barýardylar[10].

Men şol radio stansiýanyň Türküstan redaksiýasyna redaktor bolup işe alyndym, soňra baş redaktoryň orunbasary bolup işledim.

“Azatlyk” radiosy işe başlan güni, ilkinji bolup efirde Türkmen dilinde “Gepleýär Aazatlyk radiosy" diýip ýaňlnan meniň sesimdi. Bu indi hakykatdan-da taryha girdi.

Hakykatyň hatyrasyna amerikan administrasiýasynyň Orta Aziýa respulikalary we Gazagystan üçin bäş redaksiýa teklip edenligini belläp geçmelidiris, emma amerikanlylar milli redaksiýalar düzmek meselesinde şol wagt degişli syýasy komitetleriň razyçylygy bilen iş alyp barýardylar. Biziň syýasy komitetimiz - *Türkistan milli azatlyk Komiteti –Türk ili* - bolsa, "Türkistan bir bitewidir, parçalanmazdyr" diýen syýasatdan ugur alyp, Orta Aziýa üçin bäş redaksiýanyň döredilmegi baradaky teklibi red etdi. Bu aslynda kemter oýlanylyp kabul edilen bir karardy. Emma "Türkistan milli-azatlyk Komiteti-Türk ili"-niň ýolbaşçylygy, Oktýabr rewolýusiýasyndan soňra

[10] "Azatlyk" radiosynyň özbaşdak Türkmen redaksiýasy 1978-nji ýylyň 8-nji noýabrynda döredildi. Şondan soňra her gün ýarym sagatlyk gepleşiklere başladyk.

gurulan ilkinji Türkistan awtonom hökümetiniň barlygy, soňra Türkistanyň syýasy emigrasiýasynyň lideri *Mustafa Çokaý ogly* hem öz hereketlerinde Türkistanyň birligi ideýasyny gollap gelenliginden, şeýle-de daşary ýurtlarda iş alyp barýan syýasy komitetleriň-de Türkistanyň bütewligi we geljekde bir döwlete birleşmegi konsepsiýany öňe sürýäniklerinden ugur alyp şeýle karara gelinenligini beýan etdi» Türkistanyň 5 respublikasyny geljekde bir federatiw döwlete birikdirmeklik, esasy maksat edilip goýuldy.

Beýleki taýdan, bäş redaksiýa gurup, şony radio-žurnalizm işinde işlemeklige ukyply, taýýarlykly kadrlar bilen üpjin etmeklik-de aňsat düşmez diýilen sebäp-de görkezildi. Münuň şeýledigi derrew aýan boldy. Çünki, ine meselem, Germaniýadaky emigrantlaryň arasyndan şu işe ukyply bolan ýekeje-de täjik tapylmady, Şonuň üçin, ilki başda, 1952-nji ýylyň ahyrlarynda Türkistan redaksiýasynyň taýýarlyk işileri dört adam tarapyndan alynyp baryldy. Baş redaktor Türkmen *Dr. Aman Berdymurat*, redaktorlar *gazak Asan Kaýgy, Mawlekeş Kaýbaldm, ozbek Weli Zunnun, Abduýala Tolegen we kyrgyz Kožamberdi Hudaýbergen, K.Koşoý* dagylardan ybaratdy. Uzaga sürmezden Aman Berdymyt, bolşewizme garşy göreş boýunça orus syýasy guramalary hem-de orus däl milli komitetlerý tarapyndan döredilen Koordinasion

**Merkezde we Radio Komissiýada Türkistan milli azatlyk Komiteti- Türk_ili'niň wekili edilip bellendi. Şeýlelikde ol, şondan soňky konferensiýalarda meşhur orus syýasy we döwlet işgärleri bolan Krenskiý, Melgunow, Nikolaýewskiý dagy bilen Türkistanyň geljek ykbaly barasykda gyzgyn çekişmelere gatnaşdy.**

**Şondan soň "Azatlyk" radiosynyň baş redaktorlygyna gazak Asan Kaýgy bellendi, men, Aman Berdymyradyň ýerine Türkmen redaktorlygyna alyndym. Şeýle-de gyrgyz Hudaýbergeniň fransiýa gaýdyp gidenligi üçin onuň ýerine Tolemiş Ýakupogly geçdi. Ýeri gelende aýytsak, 50-nji ýyllaryň ortalarynda täjik redaktory wezipesine Türkiýeden Kasym Haksöwer /Inaýeti/ çagyryldy.**

**Taýýarlyk işleri 1952-nji ýylyň oktýabr aýynyň ahyrlarynda başlandy. Münheniň gyrasyndaky öňki bir *kiçijik aýerodromyň jaýynda, Oberwiesenfeld* dýilen ýerde redaksiýalar döredilip, tehniki taýdan-da taýýarlyk işlerine girişildi.**

**Taýýarlyk işlerimiz aňsat bolmady. Çünki biziň hemmemiziň diýen ýaly žurnalistik tejribämiz ýokdy, onda-da radio gepleşikleri üçin. Onsoňam watandan gazet-žurnallar heniz gelip gowuşmaýardy, gerekli kitaplarymyz, gollanma**

**eserlerimiz, hatda sözlüklerimiz-de ýokdy. Iňlis dilini hiç birimiz bilmeýärdik , orusçany , hat-da öz ene dilimizi-de az-kem unudypdyrys.**



*Azatlyk Radiosynyň Germanyýanyň Oberwiesenfeld'däki ilkinji ştab kwartirasy 1952*

**Her halda arzaly gün ýetip geldi. *1953-nji ýylyň 1-nji martynda* Azatlyk radiosy efire çykyp başlady. Şol radio_stansiýada ilkinji bolup "Gepleýär Azatlyk" radiosy diýip, Türkmen diňleýjilerine ýüzlenmeklik meniň bagtyma düşdi.**

## *Koordinasion Merkeziň dargamagy*

**"Azatlyk" radiosy efire çykan gününden başlap, onda oruslaryň agaçylygy äşgär aýan boldy. Ähli program materiallary, kommentarlar we habarlar täzelikler bölüminden gelip düşýärdi. Şonda işleýänleriň hemmesi**

diýen ýaly amerikanlylardan ýa-da amerikan we iňlis graždany bolan oruslardan hem-de ýewreýlerden ybaratdy. Materiallaryň hemmesi orus dilinde gelýärdi. Milli redaksiýalar şolary öz dillerine terjime etmeli bolýardylar. Respublikalarymyza degişli özümiziň ýazýan makalalarymyzyň hemmesi kontrol üçin ýa iňlisçä ýa orusça ýa-da almaça terjime edilip berilmelidi.

Oruslar bilen türkistanlylar arasynda agyzalaçylyk radionyň işe başlan ilkinji günlerinde ýüze çykdy. “*Azatlyk” radiosynyň efire çykanyndan üç gün soňra Staliniň beýnisine gan inip, akylhuşundan gidenligi, bäş gün soňra bolsa onuň ölenligi habar berildi.* Şu hakda oruslar tarapyndan ýazylyp, bize hödürlenen kommentar, Çiňiz handan we Temur lengden soňra dünýäni titreden zalym despot aradan çykdy diýilýärdi. Biz şoňa protest bildirdik we despotlaryň atlaryny tutjak bolsaňyz onda özüňizde Iwan Groznydan başlap şeýle despotlaryň bir galleriýasy ýokmy ahyry diýdik. Şondan soňra kommentar şol şekilde berilmedi.

Milli redaksiýalar Koordinasion merkez tarapyndan dürli kemsidilişliklere sezewar edilip gelindi. Belkem hut onuň üçin bolsun gerek, 1953-nji ýylyň güýzünde, Münhenden takmynan 40 kilometr uzaklykdaky Tegernzeýe kölüniň

boýundaký bir hotelde Koordinasion merkezkiň ýene bir maslahaty bolup geçdi. Muňa henize çenli merkez bilen iş salyşmadyk Ukraýna radiosynyň, ermeni Daşnaksýun partiýasynyň, Gruzin menşewikleriniň, Demirgazyk Kawkaziýanyň Oktýabr rewolýusiýasyndan soňra gurulan hökümetiniň at-abraýly wekilleri ganatdylar. Şonda orus we orus bolmadyk syýasy guramalar arasynda milli meselede ýiti çekişmeler boldy.

Maslahatda, orus däl milli komitetleriň wekilleri, Merkeziň syýasy platformasynda, her bir halkyň daşardan aralaşylmazlykda öz ykballaryny erkin kesgitlemek we köpmilletli döwletiň, ýagny russiýanyň hataryndan bölünip aýrylmak hem-de öz garaşsyz döwlet gurmak hukugynyň doly ykrar edilmegini talap edip çykyş etdiler.

Orus partiýadary bolsa, hususanam konserwatiw sagçy orus milletçiler bolşewizm ýykylandan soňra-da Orsyýetiň bitewliginiň we bölünmezliginiň/*единое и неделимое*/ saklanyp galmagyny tadap edip goýdydar. Şu talapy Melgunowyň orus “demokratlary-da”, Krenskiniň *"S-R”* partiýasy-da, radikad şowunist "*Narodniý Trudowoý Soýuz*" guramasy NTS-de, Wlasowçylaryň "Russiýanyň halklaryny bolşewizmden azat etmek Soýuzy *SBONR*-da" hat-da

**Nikolaýewskiýniň çepçi sosial-demokratik partiýasy-da golladylar.**

**Gepiň gerdişine gorä aýytsak, Koordinasion merkeze gatnaşan orus syýasy guramalary orus däl milli komitetlere garaňda azçylykda bolsa-da, şonda özleriniň kontrollygy üçin 5I% ornuň berilmegini talap etdilýär. Elbetde muny gaýry orus milli komitetleri red etdiler. Ýöne welin olar gatnaşygyň 50-50 bolmagyna razy boljakdyklaryny bildirdiler.**

**Koordinasion merkez dargandan soň, henize çenli "Azatlyk" radiosyny boýkot edip gelen belorusslar we ukrainlylar-da 1954-nji ýylyň ahyrlarynda radio goşuldylar. 1955-nji ýylda bolsa "OSWOBOŽDENIÝE" "SOWOBODA" diýilip özgerdildi we ýolbaşçşyk boýunça "RADIO LIBERTI KOMITETI döredildi.**

**Koordinasion merkez dargandan soň, "Azatlyk" radiosyny dolandyrmak boýunça Waşingtonda *"Board for International Broadcasting (BIB)"* diýen býuro döredildi. Şondan bäri şu Býuro radionyň syýasy ýoluny kesgitläp gelýär we Amerikan Kongresi bilen hususanam maliýe meselelerinde arabaglanşyk tutup gelýär.**

### *Başlangyçda “Azatlyk” radiosynyň ştaty we kuwwaty*

**1953-nji ýylyň 1-nji martynda "Azatlyk” radiosy efire çykan wagtynda, onuň ştaty takmynan 150 adamdan ybaratdy. Olaryň hemmesi diýen ýaly, ikinji jahan uruşyndan soň Gunbatarda galan öňki Sowet graždanlarydy, ýaş emigrantlardy. Elbetde, Täzelikler bölüminde, hususanam halkara ýagdaýyna kommentarlar ýazmaklykda, asly orus bolan köne emigrantlar işleýärdiler. Olaryň hemmesi diýen ýaly amerikan ýa-da iňlis graždanlarydy. Orsyýetde Sowet häkimiýeti ornadylandan soň ýurtdan gaçyp çykan köne emigrantlar, radionyň kitaphanasynyň we arhywiniň düýbini tutmak üçin köp işler bitirdiler.**

**Bugalteriýa we hasap-hesib, şeýle-de tehniki işler esasan almanlaryň golyndady.**

**Radionyň işini bökdençsiz alyp barmak üçin ençeme ştatdan daşary işgärimiz-de bardy.**

**Radio işe başlandan 2-3 aý soňra, respublikalarymyzdan abuna bolan gazet-žurnallarymyz-da gelip başlady. Şeýlede Moskwanyň hem-de respublikalaryň paýtagtlarynyň programmalaryny diňlemek we ýazyp almak üçin antennalar oturdylyp, *“Monitoring”* ler guruldy, ýöne “Aşgabat” radiosyny tutmak gaty kynçylykly boldy. Şeýlelikde, “Azatlyk” radiosynyň üstünlikli gepleşikler alyp barmagy üçin zerur**

**bolan deslapky şertler döredildi. Gepleşikler, ilki başda rusça, ukrainça, belorusça, gruzinçe, ermençe, azerbeýjança, özbekçe, türkmençe, gazakça, gyrgyzça, osetinçe, adygeýçe, çeçen-inguşça, awarça, garaçaý- balkarça, başgyrtça alynyp barşdy. Soňra muňa uýgurça-da goşuldy.**

**"Azatlyk" radiosynyň gepleşikleriniň efire çykan güni, onuň kuwwaty 10.000 wat'dy, özi-de Günbatar Germaniýanyň *Lampertheim* diýen ýerinde gurulan ýekeje peredatçik arkaly berilip başlanypdy. soňra 1960-njy ýyllaryň başlarynda munuň kuwwaty 1.50.000 wata baryp ýetdi, Munuň üçin Germaniýada 8, Taýwanda 5 we Ýaponiýada-da 5 sany peredatçik işleýärdi.**

**Şeýlelikde bu azat dünýeden Sowet Soýuzyna gönükdirilen ähli gepleşikleriň iň güýçlisidi.**

**Şol wagt tehnika taýdan iň gowy abzallaşdyrylan 6 sany studiýamyz bardy.**






*A Teletype operator at Radio Liberty in Lampertheim, Germany in the 1950s.*

**Ilki başda 12 sagatlap gaýtalanyp berilýän 20 minutlyk programma efire berilip durlan bolsa, 60-njy ýylyň başlarynda 17 dilde 6 sagatlyk gepleşikler berildi, özü-de bir gije- gündizde 240 sagat dowamynda, diňleýjilerimize ýetirilmeli möhüm habarlary, kommentarlary, makalalary we**

umuman gündelik wajyp problemalary ara alyp maslahatlaşmak üçin "Redaktorlar Sowetiniň"/ geňeşini döredilenligini-de belläp geçmek isleýärin. "Redaktorlar Soweti" her bir redaksiýanyň baş redaktoryndan ybarat durýardy. Şonyň her günki "mitinglerine" /hawa, şolaryň maslahatlary amerikançalap "MITING" diýilip atlandyrylýardy/ şonyň her gün irki mitinglerine radionyň amerikan maslahatçysy-da gatnaşýardy. Gerek bolan ýagdaýynda Täzelik bölüminiň hem-de "Monitoring"iň başlyklary-da çagyrylýardy.



Vali Zunnun Azamat Altay

Şol wagt Türküstan redaksiýasynyň baş redaktory Weli Zunnun'dy, çünki gazak Asan Kaýgy, gowy ýazyjy we şahyr bolsa-da, arakhorlygy zerarly bu wezipä ýaramady.

Ýeri gelende aýytsak, Sowet häkimiýetleri, öz graždanlaryny daşary dünýäden habarsyz galdyrmaklyga jan çekýärdiler,

olaryň daşary ýurt radiostansiýalaryny, şu sanda biziň "Azatlyk" radiomyzy diňlemäklige päsgelçilik döredýärdiler, parazit tolkuny bilen efire päsgel berip, gepleşikleri kesmek hem bogmak üçin halkyň daban azaby we maňlaý deri bilen gazanan millionlarça manat pulyny sarp edip geldiler. 1960-njy ýylyň başlarynda şonuň ýylyna takmynan 4-50 million Alman markyna barabar bolanlygy çak edilýär.

Käbir magluyatlara görä, öňki Sowet häkimiýetleriniň, daşary ýurt radio gepleşiklerini diňletmezlik üçin sarp eden puly, Günbatardan Sowet Soýuzyna gepleşikler alyp barýan ähli radio stansiýalary bilelikdäki ýyllyk harajatlaryndan-da artygrak bolupdyr, her halda şol pullar Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Sowet Soýuzyna berýän öz gepleşikleri üçin harçlaýan ähli seriştelerinden üç esse köp eken.

Beýleki taýdan Sowet radiosy daşary ýurt dilleriniň 78-inde 150 ýurda gepleşikler berdi. Ynha meselem dünýäniň 100-e golaý dilinde propaganda gepleşiklerini alyp barn Moskwa, Daşkent ýa-da "Komintern" radiostasiýalary tarhan, şolaryň towgyna tok diýilmän gelindi.

### *“Azatlyk” radiosynyň wezipeleri we maksady*

**Ozalam aýdyp geçişim ýaly, Sowet döwründäki ýörgünli ady bilen aýdanymyzda, Orta Aziýa resnublikalary we Gazagystan üçin, şol respublikalaryň her birinden ýekeje işgär bilen "Türkistan redaksiýasy" döredilipdi, ýagny ştaty bäş adamdan ybaratdy, edil gürjileriňki ýa ermenileriňki ýaly.**

**Ýagdaý şeýle bolandan soňra , onda Türkmençä her bäş günde bir gezek nobat gelýämidi diýip soralmagy mümkin. Bu, elbetde ýerlikdi sorag. Emma biz programmamyzy mümkin gadar şol kabylalaryň/halklaryň her biriniň sesi her gün eşidiler ýaly edip düzdük, ýagny meselem habarlar Türkmençe berilse, metbugat seslenmeleri gazakça, kommentar özbekçe, makala gyrgyzça we şuňa meňzeş edip berip durdyk we her gün bularyň ýerlerini çalyşdyryp bardyk.**

**Bu ýerde ýene bir belläp geçmeli zat, olda bolsa , aýdalym Türkmen redaktorynyň habarlary, daşary ýurt metbugatynyň seslenmelerini we kommentary terjime etmeli bolýanlygy, dürli-sahalarda/tema/ makala ýazýanlygy, şolary maşinkada-da ýazýanlygy we şolary studioda özüniň okaýanlygydyr. Munyň üstesinede ol, öz ýazan makalasyny, senzura üçin meselem orus diline terjime edip tabşyrmaly bolýar.**

**Şeýle senzura tä 70-niji ýyllara çenli dowam etdi. Şondan soňra makalanyň gysgaja mazmunyny ýazyp bermeklik talap edildi. Çünki, radionyň maslahatçylarynyň hataryna özbek, tatar we türk dillerini bilýän amerikanýaylar gelip goşuldylar we şolar original makalalary öňünden okap, efire berip-bermezligi haýa etdiler.**

***Biz ilkinji gezek 1953-nji ýylyň 1-nji martynda efire çykdyk:***

> ***"Gepleýär Azatlyk radiosy!***
>
> ***Ahyry indi biziň öz sesimiz bar. Satalinistik polisaý terrory sizi watanda sem bolmaga mejbur edýär, emma biz indi daşary yurtda gorkusyz we päsgelçiliksiz sözläp bilýäris.***
>
> ***Şu radiostansiýa arkaly ykbalyň şum täleýi bilen daşary ýurtlarda ýerleşen öz ildeşleriňiz sözleýär. Biziň maksadymyz öz diňleýjilerimizi, Sowet Soýuzynda eşitdirilmeýän informasiýalar bilen üpjün edip barmaklykdan we şeýlelikde olary Sowet propagandasynyň ýyllar bäri ynandyrjak bolýan ýalançylygyndan gutulmaklyga ýardam etmeklikden ybaratdyr. Siziň gaýgyňyz- biziňem gaýgymyz, siziň pikiriňiz biziňem pikirimiz we biziň sesimiziň siziňem***

*sesiňizdigine ynanýarys" diýip, biz özümiziň şol ilkinji ýüzlekmämizde beýan edipdik.*

**Biz Sowet Soýuzyndaky öz diňleýjilerkmizi ýurdyň içinde we halkara durmuşynda ýüz berýän wakalar barasynda hakyky we tarapgöýsiz maglumatlar berip durdyk, olara hiç bir ýol ýa ideýa salgy bermedik- bu häzirem şeýle- Biz olary, diňe, özbaşdak pikir edinmek üçin degişli informasiýalar bilen üpjün edip bardyk. We bu, häziriň (1995) özünde-de "Azatlyk" radiosynyň esasy wezipesi bolmaklygynda galýar.**

**Biz işe başlanymyzda, halklar arasynda erkin informasiýalar alyş-çalyşlygyň, Gündogar bilen Günbatar arasynda normal gatnaşyklaryň ýola goýulmagy üçin, parahatçylygyň gowy perspektiwalary üçin iňňän zerurdygyny nygtap geldik.**

**Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň, Sowet Soýuzy tarapyndanam makullanylan "Adamyň hukuklarynyň Ählumumy Deklerasiýasyňyň" 19-njy maddasynda, ine şeýle diýilýärdi:**

***«Her bir adamyň islän zadyna ynanmaga we özüniň oý-pikirini erkin beýan etmäge hukugy bardyr; bu hukuk her bir adamyň öz pikirindgalmagyna päsgel berilmezligini, döwlet araçaklerine garamazdan her bir***

*adamyň dürli serişteler arkaly informasiýa we ideýalar agtarmak, edinmek we ýaýratmak hukugyny öz içine alýar».*

**Gepiň gerdişine görä, informasiýa azatlygy prinsipi, Ýewropada howupoyzlyk hem-de hyzmatdaşlyk boýunça Helsinki maslahatynyň Jemleýiji Aktynda-da öz beýanyny tapdy. Şondan ugur alyp, biziň radiomyz, erkin informasiýa alyş-çalyşlygyň bähbitleri üçin iş alyp barýar, çünki şeýle alyş-çalşlyk halkara parahatçylygyny we birek-birege düşünişmekligi we ony pugtalandyrmaga ýardam edýär. ”Azatlyk" radiosynyň şeýle asylly maksatlary göz öňünde tutýanlygy zerarly giň amerikan jemgyýetçiligi tarapyndan berk gollaw tapdy. Radionyň ilkinji on ýylynyň dowamynda Amerikanyň Bileşen Ştatlarynyň diri ýaşaýan üç prezidentiniň munuň hormatly başlyklary bolandyklary şunuň aýdyň subutnamasydyr. Olar: Herbert HOOWER, Harry S. TRUMEN we Dwight D. Eisenhower.**



**Materiallar plastik balonlar arkaly demir perdäni/SSSRi böwsüp, sowet halkyna ýetirilýärdi.**
(Azatlyk radiosynyň arhiwinden)



**Materiallar plastik balonlar arkaly demir perdäni/SSSRi böwsüp, sowet halkyna ýetirilýärdi.**

## *DOGRUÇYLLYK*

Biz şeýle-de, "Türkestanyň sowetleşdirilişi we onuň netijeleri", "Türküstanyň taryhynyň we medeniýetiniň gaplaşdyrylyşy", "Milli azatlyk göreşleri we basmaçylyk hereketi", "Stalinçilik terroryň gurbanlary" diýen ýaly seriýaly gepleşikler berip durduk. Sebäbi bu maglumatlar biziň ilimizde ýokdy, şeýlem bolsa, halk şol maglumatlar bilen kökmany suratda tanyşaýmalydy.

"Azatlyk" radiosynyň wezipeleriniň ýene biri türkmen diňleýjileriniň göwnüni götermekden, olary rulandyrmakdan we umytlandyrmakdan hem-de türkmenleriň aslynda uly millet bolandygyny nygtap görkezmekden ybaratdy. Emma biziň ykbalymyz çylşyrymly bolupdyr, kä mahallar pajygaly bolupdyr. 11-njy asyrdan başlap, türkmen adyny alan Oguzlar, Türkiýe türknenleriniň hem-de Eýran, Äzerbaýjan, Yrak we Türkmenistanyň çägindäki türkmenleriň ata-babalarydyr.

Türkmenler taryhda beýleki türki halklar bilen goşluşyp, Seljuk we Osmanly Türk döwletleriniň gurulmagyna sebäp bolupdyrlar we beýik döwlet bolup, dünýä ösüşine gatnaşdylar. Türkmenleriň bir ujy Müsüre we hatda Demirgazyk Afrika, ýagny Maşrykdan Magrypa baryp ýeten. Beýleki bir bölegi bolsa häziriň özünde hem Yrakda, Eýranda,

**Owganystanda, Siriýada we hatda Hytaýda oturýarlar. Hindistanda meşnur "Türkmen gate/ derwezesi" bar. Demirgazykda bolsa olar Astara_han we Stawropol ýaýlalaryna ýaýrap, hemişelik mekan tutupdyrlar.**

**Dürli döwletleriň hataryna girýän bu türkmen taýpalary dürli syýasy-sosial şertlerde başga medeniýetleriň täsiri astynda gün-guzeran görýärler. Onsoňam soňky wagtlara çenli bir-birlerinden habarsyz ýaşap geldiler.**

## *SOWET TARYH ÇEŞMELERINIŇ WE RUS JEMGYÝETÇILIGINIŇ GÖKDEPÄNIŇ GORALŞYNA WE ÝYKYLŞYNA GARAÝŞY*

**1984-nji ýylyň ahyrlarynda Türkmenistanyň Russiýanyň sostawyna, hamala diýersiň, "meýletin girenliginiň" 100 ýyllygy daar çäkade bellenilip geçildi. Şol mynasybetli Türkmenistanyň “ylym" neşirýaty tarapyndan “Baky doganlyk" diýen kitapça-da çap edildi. Onuň awtorlary Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň şol wagtky birinji sekretary M.N. Gapurow, akdamikler M. Annanepesow bilen Ý. Roslýakowdy.**

**Sowet-partiýa ýolbaşçylygynyň, şeýde de, respublikanyň kethudalarynyň haýasyzlygynyň çeni-çaky ýokdy. Düýn “gara" diýlenine bu gün “ak" diýip aýtmakdan asla**

çekinmeýärdiler. Çünki, mälim bolşy ýaly, Sowet taryhçylarynyň özi, tä kyrkynjy ýyllara çenli rus patyşasynyň basyp alyjylyk syýasatyny beýan edip gelipdi we köp halklaryň, şol sanda türkmen halkynyň rus imperiýasy tarapyndan basylyp alyp, zor bilen Orsyýete goşulandygyny tassyklap gelipdi. Ýöne welin, soňra "Türkmenistanyň Russiýa goşulyp alynmagy däl-de, eýsem onuň "Russiýanyň sostawyna meýletin girmegi" diýlen ýörelge barasynda rowaýat ýöredilip başlandy.

Hakykatynda bolsa, Türkmenistanyň taryhy boýunça kyrkynjy ýyllara çenli çap edilen düýpli eserlerde, şeýle-de Sowet ensiklopediýalarynda Türkmenistanyň Russiýanyň sostawyna meýletin girmegi hakynda däl-de, eýsen onuň ýarag güýji bilen basylyp alnandygy, türkmen halkynyň üstünden ýöredilen wagşyçylyk, jebir-sütemler barasynda söz baýar we şolar degişli faktlar bilen esaslandyrylýar.

Ine, meselen, 1934-nji ýylda çap edilen "Türkmenistanyň taryhy boýunça oçerklerde" Türkmenistan ilki başda sap strategik düşünjeden ugur alnyp basylyp alnan bolsa, soňra şoňa ykdysady stimulyň—işdäniň-de gelip goşulandygy beýan edilýär. Türkmenistan Kaspi deňzi tarapyndan, Kawkaziýa harby okrugynyň esgerleri arkaly basylyp alyndy. Şony amala

aşyrmak üçin, tä Guşga çenli, şondanam “Hindistanyň açary" bolan Owganystanyň Herat welaýatyna çenli Zakaspiý demirýoly salynýar.

1929-njy ýylda çap edilen "Uly Sowet ensiklopediýasynda", ine şeýle diýilýär. “...Teke türkmenleriniň 1870-81-nji ýyllar arasynda öz garaşsyzlygy ugrunda, rus samoderjawiýasyna garşy göreşde iň soňky daýanç punkty bolan Gökdepe, 1881-nji ýylyň ýanwarynda gaýduwsyz söweşlerden soňra, general Skobelewiň otrýadlary tarapyndan eýelendi. Şol soweşlerde iki tarap-da ägirt köp ýilgilere sezewar boldy. Gökdepäniň eýelenmegi ähli oazisiň (ýagny Türkmenistanyň) boýun egdirilmegine alyp geldi”.

1939-ny ýylda neşir edilen “Edebiýat ensiklopediýasynyň" 11-nji jildinde şeýle tassyklanýar: “19-njy asyryň 80-nji ýyllarynda rus patyşalygy Türkmenistany öz koloniýasyna aýlandyrdy, 40 ýylyň dowamynda türkmenleri ezdi we agyr kolonial ekspluatasiýa sezewar etdi. Türkmenistany basyp alyş wagtynda görlüp-eşidilmedik wagşyçylyk ýöredildi. Ine, meselen, Gökdepe eýelenenden soň Skobelewiň buýrugy boýunça galany goramaklyga gatnaşanlaryň müňlerçesiniň başlary kesildi".

Ine, indi 1952-nji ýylda çap edilen "Uly Sowet ensiklopediýasynyň" ikinji neşirinde Gökdep hakda şeýle maglumat berilýär. “Gökdepe — şäher tipindäki posýolok, Türkmenistan SSR-niň Aşgabat oblastynyň Gökdepe raýonynyň merkezi. Ol Köpet dagyň eteginde hasylly oazisde ýerleşendir. Şol ýerde çakyr we kerpiç zawodlary guruldy, orta we başlangyç mekdepler, iki kitaphana, kinoteatr, medeniýet we seýil bagy bar".

Wessalan, iş taman. Bu ýerde Gökdepäniň taryhy ähmiýeti barasynda, galanyň üstünde bolan aldym-berdimli seweşler barasynda-da, şol galanyň goralyşy wagtynda şehit bolanlar hakynda-da ýeke söz aýdylman geçilýär.

Iň beterini biz “Türkmen sowet ensiklopediýasynda” görýäris. 1979-njy ýylda çap bolan bu ensiklopediýanyň 2-nji jildinde Gökdepe obasy, Gökdepe posýology, 3-nji Gök depe hem Gökdepe galasy barada aýry-aýry gysgajyk maglumatlardan soňra "Gökdepe maslahaty" adly makalada şeýle diýilýär:

> *“Ahal tekeleriniň 1875 ýylyň tomsunda Gökdepede geçiren maslahaty. Ol taryha giren belli wakalaryň biridir. Onda tekeleriň ruslara we Russiýa bolan gatnaşygyny kesgitlemek, Rus döwletine birikmek ýa-da birikmezlik barasyndaky meselä seredilýär. Ahalyň tire*

*hanlarynyň we aksakgallarynyň arasynda Russiýa birikmek ýa-da birikmezlik meselesi babatynda erjel, kä ýarym açyk çaknyşyga geçýän çekeleşikler bolup geçýär. Ýönekeý ilat köpçüligi goňşy feodal döwletleriň talaňçylykly çozuşlaryndan we içki agzalalyklardan, hanlaryň eden-etdiliginden köp ezýet çekip, halys bizar bolandyklary zerarly, ruslar bilen bolan gatnaşykda ýüze çykan amatly pursatdan peýdalanyp, meýletinlik bilen Russiýa birikmekligiň tarapdary bolupdyr. Halk köpçüliginiň zor salmagy netijesinde çagyrylan Gökdepe maslahaty tire hanlarynyň uzak çekeleşiginden soňra, Ahalyň Russiýa birikdirilmegini soramak üçin rus komandowaniýesiniň ýanyna wekiller ibermeli diýlip karar edilýär." (352-353-sah.)*

**Munuň özi sowet taryhçylarynyň Kreml ýolbaşçylarynyň görkezmesi boýunça, Türkmenistanyň diňe bir Sowet häkimneti döwründäki taryhyny däl, eýsem onuň geçen asyrdaky, Orsyýet patyşalygy döwründäki taryhynynda gödek galplaşdyrýanlygyna şaýatlyk edýär.**

**Şol wagtky rus jemgyýetçiligi we onuň intelligensiýasynyň wekilleri ençeme şowsuzlyklardan soň Gökdepe galasynyň basylyp alynmagyny Ak patyşanyň asla ýeňilmezligi**

hökmünde guwanç we buýsanç bilen gutladylar. Gökdepäniň eýelenmeginiň indi Orsyýet üçin Aziýa tarap ýol açýanlygyny nygtap görkezdiler. Ine, meselem, meşhur rus ýazyjysy Feodor Dostoýewskiý özüniň "Ýazyjynyň gündeliginiň"; "Gökdepe. Aziýa biziň üçin näme?" diýen bölüminde ruhubelentlik bilen şeýle ýazypdy: "Gökdepe alyndy. Tekeler heniz doly boýun egdirilmedik bolsalar-da, biziň ýeňşimiz ikuçsuzdyr..."

> *"...Skobelewiň ýeňşiniň gopguny ähli Aziýa, onuň uzak çäklerine-de ýaýraýar; ine, indi ýene bir batyr we tekepbir dindar halk Ak patyşa boýun egdi. We goý, bu habar, bu gopgun äleme dolsun. Goý, bu Hindistandan bärdäki, hatda Hindistanyň öz içindäki millionlarça halklarda, Ak patyşanyň ýeňilmezligine we onuň gylyjynyň ýitidigine ynam döretsin... Biz indi ýarym ýolda galyp bilmeris. Şol halklaryň öz hanlary we emirleri bar, Emma Ak patyşanyň ady şol hanlardan we emirlerden ýokary durmalydyr. Hindistanyň imperatorisasyndan-da, Arap Halifasynyň özünden-de ýokary durmalydyr.*
>
> *Goý, Halif bolsun, emma Ak patyşa Halifiň -de patyşasydyr. Ine, şeýle düşünje berkleşsin. Aziýa biziň geljegimiziň ugry we başlangyňy bolar..."*

Gökdepe galasy ýykylanyndan soň, orus jemgyýetçiliginde şeýle oý–düşünje peýda bolupdy.

Patyşa Russiýasynyň mirashory bolan Sowet Soýuzynyň goşunlarynyň 1979-njy ýylyň ahyrynda Owganystanyň üstüne çozup barmagy F. Dostoewskiniň şol sözlerini bi_ygtyýar ýadymyza salýar. General Skobelewiň, Lomakiniň we Lazarewiň Türküstana basybalyjylykly ýörişleri, general *Ýermolowyň* Kawkaz uruşlary, hatda Ýermagyň "Sibiri tabyn edenligi" kyrkynjy ýyllardan bäri bütinleý başgaça taryp edilýär. Şonuň netijesinde, Gazagystanyň, Gürjüstanyň, Äzerbaýjanyň we hatda Buryatiýanyň, indi bolsa Türkmenistanyň "Russiýanyň sostawyna meýletin geçemegi" diýleni bellenilip geçildi, baýram edildi. Munuň özi, şol haklaryň namys-oryny depgilenmekdi, olar daşary ýurt basbaljylaryna garşy, azatlyk we garaşsylyk ugrundaky göreşlerini gödek galplaşdyrmakdan başga zat däli

Ýeri gelende aýtsak, Gökdepe galasyny eýelemeklik oruslar üçinde ýitgisinz bolmandy. Diňe bir Skobelewiň goşunundan 398 esgeri, şol sanda 34 ofisseri öldürilipdi.

*TÜRKILI KOMITETI WE AZATLYK RADIOSY*

*"Başgy ýagyň bolmasa, obadaşyň ýokmydyr"* diýilişi ýaly, Gunbatar Germaniýanyň Wisbaden şäherinde orus hem—de orus däl syýasy guramalarynyň , Bolşewizme garşy göreşe birleşmek boýunça ilkinji duşyşygy gutaran dessine, emigrasiýadaky *Weli Kaýum-Han'yň* baştutanlygyndaky *"Türkistan Milli Birlik Komiteti"* we onuň *"Milli Türkistan"* žurnaly, hususanam *"Türkili"* komitetini we duşuşyga gatnaşan şonuň wekillerini, dogrysyny aýtsak bizi oruslara satylan haýynlar diýip aýyplap çykgş etdi. Şol wagt "Azatlyk" radiosy heniz gurulmandy-da.

"Milli Türkistan" žurnalynyň 1952-nji ýylyň ýanwar sanyndaky baş makalasynda, hut Weli Kaýum-Hanyň özi şeýle ýazdy:

> *«...öz içimizden çykan satgynlar we bozgunçylar, oruslar bilen birleşip, milli herekedimize zarba bermekçi boldylar. Türkistan halky orus imperialistleri bilen hiç wagt ylalaşyp bilmez we barabar gitmez.»*

Soňra şol makalada şeýle diýilýär: "*Muhajirlarymyz/ emigrantlarymyz/ orus imperialistleriniň hereketini şoňa gatnaşan käbir Türkistanly şahslaryň hereketini gaty*

*ýazgarýar we Türküstan halkynyň adyndan sözlemäge olara hukuk berilmänligini olara berk bildirýär.»*

Orus guramalary bilen gepleşikler alyp barmaklyga Kaýum-Han aga hukuk bermeli_mişin!

Bizleri aýyplamak üçin Hindistandaky, şeýle-de Arap ýurtlaryndaky emigrantlar tarapyndan hatlar ýazdyryldy. Olar "Türkeli" komitetiniň wekilerini "oruslaryň malaýlary"/ oýunjaklary diýip atlandyrdylar we "satgynlara länet hem nefret bildirdiler."

Hamala diýersin 2000-den gowrak Türküstanlylaryň ondanda179 adamyň gol çeken hatynyň özbekçe /kaşgary/ originalynda ine şeýle diýilýer:

> *«Bizlar heç wagt we heç zaman ruslar blan birlaşmaganmiz we birlaşaalmasmiz. Ruslar bizim aşadiý din wa azadlik tarihiý duşmanlarymyzdyr... Biziň milli mustakilligimiz üçin we din hafatimiz üçin çalişgan we çalişmakda bolgan birgina komitamiz Milli Türkistan Birlik Komitasi bolib wa rahbarimiz esa Weli Kaýum-Han hazratlaridir"*

Başga bir hatda şeýle diýilýär: *“Türkistan isminden, Türkistan halki namindan na rus imperialistlariniň we na ular blan birga*

*ketuwçi şahslariň sözlawga haklari ýokdyr. Wisbadende bildirilgen fikir we awaz - ruslar awazidir, biz buni tanimaýmiz..."*

Emigrasiýadaky iň uly gurama bolan, prof. Dr. *Fahyr Çagataý* baştutandygyndaky "Türkistan Milli Birligi" bize garşy çykyş etmedi, ikirjeňläp durdy. Emma şol guramanyň ýolbaşçylary, Türkiýeden Münhene gelip, biziň bilen we biziň hereketlerimiz bilen elin tanyşanlaryndan soňra, bizi gollap başladylar we hatda orus däl milli komitetderiň "Pariž blogy" diýilen SSSR- iň halklaryny azat etmek Ligasynda şolaryňam adyndan çykyş etmeklige wekalatnama berdiler. Soňra biziň gatnaşyklarymyz dura-bara gowylaşdy. Ýöne weli olar bizi "ýaşlar" diýip atlandyrdylar. "Ýaşlar tarapyndan gurulan teşkilat", "Ýaşlar tarapyndan çykarylýan žurnal" diýip aýdyp geldiler .

Dogrysyny aýtsak, diňe bir Türkistanlylaryň köne emigrasiýasy däl, eýsem beýleki orus däl milletleriň-de köne emigrsion guramalary, Ikinji jahan uruşyndan soňra ýaş emigrantlar tarapyndan döredipen milli komitetleri äsgermezçilik etdiler. Olar bäsdeşligi ýek görýärdiler - ermenileriň "Daşnaksýun" guramasy-da, Gruzin menşewikleriniň partiýasy-da, Ukraýia Radasy-da ...



*Sitting row (from left to right): Ziyauddin Babakurban (Uzbek Svc), Hasan Oraltay (Kazakh Svc), Murat Tatschmurat (Turkmen Svc), Tolemis Yakuboglu (Kyrgyz Svc), Veli Zennun (Uzbek Svc), Mehmet Mir (Tajik Svc).*

*Standing row (from left to right): Abdullah Dusufoglu (Kazakh), Kadir Egamkul (Uzbek), Sabyr Ishimbet (Uzbek), Tufani (Uyghur), Makbulchoban /Uyghur), Talat Kocyigit (Kzakh), Taken from Novruz celebration, 1970.*

**Emma olar-da, Koordinasiýon Merkez dargandan soň Amerikan Komiteti we “Azatlyk“ radiosy bilen hyzmatdaşlyk edip başladylar.**

**Ýeri gedende aýtsak, bizi sögüp gelen "Milli Türkistan Birlik Komitetiniň prezidenti merhum Weli Kaýum-Han-da soňra "Azatlyk” radiosynyň Türkistan redaksiýasyna makalalar ýazyp gatnaşdy.**

## *“Azatlyk” Radiosynyň ähmiýetiniň we rolunyň artmagy!*

Staliniň ölüminden soňra Sowet Soýuzynda we kommunistik hem-de sosialistik atlandyrylýan ýurtlarda ýüz beren wakalar sebäbpli “Azatlyk” radiosynyň ähmiýeti we roly has-da güýçlendi.

Biz *Workuta’daky* Sowet konestrasiýon-lagerinde, şeýle-de *Temir Tauda* ýüz beren gozgalaňlary, Gündogar Berlinde we Germaniýa Demokratik Respublikasy diýileniň beýleki iri şäherlerinde geçirilen iş taşlaýyşlary, şolarda hat-da syýasy talaplaryň-da öňe sürülenligini, aýratynam 1956-njy ýylyň *Wengriýa* rewolutsiýasyny, SSKP Merkezi Komiteniň 20-nji gurultaýynyň ýapyk mejlisinde, Sowet partiýa we döwlet baştutany *Nikita Hruşewiň*, Staliniň jenaýatlaryny paş edip eden çykyşyky nazarda tutýarys.



*Sitting left to right: Mehmet S. Mir (Tajik), David Staats (assist. dir. of Turkestani services), Murat Haliloglu (Turkmen).*
*Middle row: Mikhayl Aronbay (Uzbek), Maire Yakupoglu (Kyrgyz), Murat Tatschmurat (Turkmen), Husseyn Ikram (Uzbek), and Tolemis Yakupoglu (Kyrgyz).*
*Back row: Kadyr Egamkuloglu (Uzbek), Mt. Sharif Gazi (Kyrgyz), Muhabay Engin (Kazakh), M. Isa Aral (Kyrgyz). (1977, Munich).*

## *ÖÝMÜZ BILEN ILKINJI HAT ALYŞMA*

**1958-njn ýylda Belgiýanyň paýtagty Brýusselin Heýsel parkynda, Bütnydünne sergisi bolup geçdi. Men hem birnäçe dostlarym bilen şony görmäge bardym. Sowet pawilonynyň ýanynda durkak, görsek bir awtobus doly Sowet Soýuzyndan tansçy artistler geldiler. Şolardan biri gapyny açyp: "Araňyzda türkmen barmy?" diýip sorady. Men öňe çykyp, özümiň türkmendigimi aýtdym. Olaryň goragçylary-gözegçileri bardy. Şeýle-de bolsa salamlaşyp, görşenimizden soňra, ol meniň bilen gürrüňleşmek meýliniň bardygyny aýtdy. Men oňa garşymyzda görnüp duran Ýugoslaw restoranyny teklip etdim we "meniň myhmanym bolarsyň" diýdim. Ol teklibe guwanyp razy boldy.**

**Şol ýere baranymyzdan soň, ol özüniň Aşgabatdan Taýmaz Allamyradowdygyny aýtdy. Men hem özümi tanatdym. Gyzylarbatlydygymy bildirdim we nähili sebäplere görä, daşary ýurtlarda galmaga mejbur bolandygymy gürrüň berdim. Ol menden özüniň uruş wagtynda dereksiz ýiten garyndaşlaryndan, belkem, habaryň bardyr diýip sorady. Gynansak-da, men onuň garyndaşlaryndan habarymyň ýokdugyny aýtdym. Iýdik-içdik, adresler alyşdyk. Ol maňa watana gaýdyp baransoň, Gyzylarbada baryp, ata-eneme:**

"Ogluňyzy gördün, ol sag-gurgun diýip buşluk bildirerin" diýip söz berdi.

Hakykatdanam ol 60-njy ýylyň tomsunda kakam bilen duşuşyp, menden eşiden bar zadyny oňa aýdyndyr. Şu gowy habarlar üçin kakam oňa köp alkyş okapdyr we ölmezinden öňinçä "oglumy bir görsedim” diýp arzuw edipdir.

Şondan köp wagt geçmezden, öýümizden hat geldi. Haty kakam ýazdyrypdyr, Inim Taňyrberdi ýazypdyr. Hatda şeýle diýilýär: "Myrat jan, ine, bize 20 ýyldan gowrak wagt içinde seniň sagdygyňy eşitmeklik meýesser boldy. Ýagny, bize bir oglan gelip, seniň sagdygyňy bildirdi we adresiňi berdi". Hatda soňra: “Biz seniň sagdygyňyzy eşidip, gaty şat bolduk. Özüň bilen görşen ýaly bolduk. Aýralyk agyr zat, onda-da diri aýralyk. şoň üçin gije-gündiz dilegimiz seni biziň aramyza gelip, öňkiň ýaly bir saçakdan duz iýmekdir..."

Soňra olar adat bolup galyşy ýaly, kem zatlarynyň ýokdugyny, durmuşlarynyň gül ýalydygyny bildirildirler we maňa garyndaşlarymyzdan ölen-ýitenler hakda maglumat berýärler.

Kakam 47-nji ýylda demir ýolunden pensiýa çykypdyr. Aýyna 366 manat alýarmyş. Ejemem tä meniň barlygym

eşidilýänçä, 300 manat pensiýa alyp gelipdir. Çünki meniň aşym-suwum berlen ýaly görünýär.

Biziň garyndaşlarymyzdan diňe doganoglanym Işan urşdan gaýdyp barmandyr we ondan hat-habar-da ýokmuşyn.

Şeýlelikde, takmynan 20 ýyldan soňra, ilkinji gezek ata-enelerim bilen arabaglanyşyk tutuldy. Emma olary görme-görşe çagyryp getirmek mümkin bolmady. Häkimiýetler meniň özüniň Türkmenistana baryp, olar bilen görüşmegimi teklip etdiler. Munuň şol wagt näme bilen gutarjagy öňünden mälimdi.

Şu arabaglanyşygy ýola goýany üçin, ildeşimiz Taýmaz Allamyrodowa gaty minnetdarlygymy bildirýärin. Ol şol wagt, ýagny 61-nji ýylyň ortalarynda Aşgabadyň "Käriznaýa" köçesinde, öý nomeri 69-da ýaşaýardy.

## *RADIONYŇ BINASYNA BOMBALY HÜJÜM*

**1981-nji ýylyň fewralynda “Azat Ýewropa” we "Azatlyk” radio stansiýalarynyň jaýyna 18 kilogramlyk dinamit bomba taşlandy. Şonuň netijesinde radiostansiýalaryň 8 işgäri agyr ýaralandy. Käbir maglumatlara görä, *Türkmen redaksiýasynyň işgariniň birini gaçyryp alyp gitmek-de planlaşdyrylan ýaly görünýär.***




**Radionyň Münhen’däki jaýy. Oettingenstr. 67**



*RFE/RL building after bomb attack*



Ähli şu aýylganç faktlar, "Azatlyk" radiosynyň işe başlanlygynyň eýýäm ilkinji ýyllarynda, Sowet

häkimiýetlerini gaty ynjalyksyzlandyranlygyny, şonuň üçinde Kreml onuň ýolbaşçy işgärlerini ýok etmek üçin nejis terror usulyny ulanmakdan-da çekinmenýänligine şaýatlyk geçýär.

Ýeri gelende aýytsak, KGB agentleri, "Azatlyk" radiostansiýasynyň işgärleri barasynda terror gollanmaklykdan-da çekinmediler. Ine meselem Münhende 1954-nji ýylyň noýabrynda Azerbeýjan redakiýasynyň baş redaktory, Azerbeýjan Milli Komitetiniň başlygy maýor *Abofatalibeýli* Sowet agentderi tarapyndan janyna kast edilip öldürildi, şol ýylyň sentýabrynda radionyň Belorus redaksiýasynyj işgäri *Leonid Karas* suwa gark edilip öldürildi.

### *Özbaşdak Türkmän redakiýasyny döretmek ugrunda ilkinji gadamlar*

Ozal aýdyp geçişimiz ýaly, "Azatlyk” radiosynda özbaşdak Türkmen redaksiýasynyň döredilmegi üçin 1978-nji ýylyň 8-nji noýabryna çenli garaşylmaly boldy. Oňa çenli Orta Aziýanyň respublikalaryna we Gazagystana gepleşikler "Türkistan redaksiýasy" arkaly alynyp baryldy. Diňe 1972-nji ýylyň 1-nji noýabrynda ýalňyz bir "Türkistan redaksiýasy"- TÜRKISTAN 1, TÜRKISTAN 2 we TURKISTAN 3 diýilip üçe

**bölündi. "Türkistan 1" özbekçe we uýgurça, "Türkistan 2" gazakça, "Türkistan 3 bolsa Türkmençe, täjikçe we gyrgyzça alynyp baryldy. Şu, ilki başda 49 minutyk soňra 60 minutlyk "Türkistan 2-iň programmasynda 15-20 minutlyk Türkmençe blok gepleşigimiz bardy. Emma weli henizem "Türkistan üçin programmamyzyň Türkmençe bölümine geçýäris" diýip yglan edýärdik.**

***Amerikan-Hytaý gatnaşyklary ganymatlaşandan soňra, "Türkistan 1-e" gatnaşýan uýgurça gepleşikler kesildi.*** **Şeýlelikde "Türkistan 1" ady bilen özbaşdak Özbekçe, "Türkistan 3" ady bilen bolsa özbaşdak Gazakça gepleşiklere girişildi. Ýeterlikli kadrlar tapyp bilsek özbaşdak Gyrgyzça, Täjikçe we Türkmençe redakisiýalaryň-da döredilјekligi barasynda wada berildi. Ýeri gelende aýtsak, Ikinji jahan uruşyndan soňky ýyllaryň içinde SSSR-den gaçyp çykan ýekeje-de ildeşimiz bolmady. Şonuň üçin-de, kadrlary Türkiýeden, Ýakyn we Orta Gündogardan, Merkezi Aziýadan agtarmak gerek boldy.**

## *RADIONYŇ IŞGÄRLERINIŇ SANYNY ARTDYRMAK*

**Ine dünýäde bolup geçýän wakalar barasynda habar we maglumatlar hem-de kommentarlar berip barmak, Azat dünýäden Sowet Soýuzyna gepleşikler alyp barýan ýeke-täk garaşsyz radiostaniýa bolan "Azatlygyň" wezipesidi. Şonuň üçinde muny hem tehniki taýdan güýçlendirmek gerekdi hem-de işgärleriniň sany artdyrylmalydy. Bu dura-bara şeýlede edilýärdi.**

**Türkmençe programyza gelenimizde, onda Koordinasion merkez dagrandan soň, şol 53'de Radio Komissiýasynda işläp gelen ildeşimiz Aman Berdymyradyň radio geçirilmegi bilen, "Türkistan redaksiýasynda iki Türkmen boldyk. Ýeri gelende aýtsak, programmamyza gatnaşmak üçin ştatdan daşary bir özbek, bir gazak-da alyndy.**

**Emma welin Türkmenistan we türkmenler üçin özbaşdak program başlamaklyk barasyndy heniz hiç gürrüň ýokdy. Munuň üstesine-de kadrlar meselesi agyr kynçylyklar döredýärdi. Çünki "Azatlyk" radiosynyň ilkinji on ýyllary içinde, SSSR-den gaçyp çykan ýekeje ildeşimiz-de bolmady. Eýrandaky we Owganystandaky türkmenler bilen arabaglanşygymyz ýokdy. Biz diňe Türkiýede 30-40 sany Türkmen oglan-gyzynyň okaýandygyny bilýärdik, emma**

şolary Türkiýede okuwa ýerleşdiren, Eýran Türkmenleriniň magaryf serdary hasaplanylýan merhum Dr. *Ahmet Garadagly,* şeýlede Türkiýede magaryf sahasynda inspektor bolup işleýän merhum *Niýazy Ýomut*: "Täçmyrat, ol oglanlara azar bermäň, goý okuwlaryny dowam etdirsinler" diýdi. Şeýle-de etdik. Olary radio işe çekjek bolmadyk.

Şeýlelikde iki Türkmen bolup, ''Türkistan üçin gepleşiklerimiziň Türkmençe bölümini elimizden geldigiçe dowam etdirdik. Hususanam, "Türkistanyň taryhynyň we medeniýetiniň galplaşdyryýaýşy", Türkistanyň sowetleşdirilişi we onuň netijeleri, "Milli azatyk ugrundaky göreşle" we "Basmaçylyk hereketleri", "Stalinistik terroryň gurbanlary" diýen ýaly seriýaly gepleşikler berip bardyk, şeýlede SSKP-niň milli syýasatyna hem-de Sowet hökümetiniň kanundyr kararlaryna, başardygymyzça synymyzy eşitdirip durdyk.

1962-nji ýylda dostym Aman Berdymyrat "Azatlyk" radiosynyň Türkistan redaksiýasynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky habarçysy edilip New-Ýorke iberildi, Men Münhende ýalňyz galdym, tä 1972-nji ýylyň oktýabrynda Türkiýeden atdaşym *Myrat Halylogly* radio işe girenine çenli. Şeýlelikde Münhende iki adam boldyk. New-Ýorkdan bolsa

**Aman her gün diýen ýaly makaladyr kommentarlar iberip durdy. Ol şol ýerde dini we sazly gepleşiklerimizi alyp barmak üçin ştatdan daşary iki sany Türkmen-de tapypdyr[11]. Şeýdip "Azatlyk" radiosynyň Türkmen bölüminiň işgärleriniň sany az-kem artdyryldy.**

**Münhende atdaşym Myrat Halylogly kem-kemden öz gyzy *Näz Dürlini* radio üçin ösdürip ýetişdirdi, hususanam oňa Türkmençäni öwretdi, çünki ol çagalykda Türkiýede Türk mektebinde okapdy. Germaniýa göçüp gelenlerinden soňra bolsa nemes mektebine gatnaşdy we ýany bilen ýörite iňlisçe kursuny tamaylady. Biz ony soňra radio işe aldyk. Aýratynam onuň Türkmençäniň ýany bilen Türkçe, Nemesçe we iňlisçe bilýänligi biziň üçin gaty peýdaly boldy. Indi günde günaşa diýen ýaly Türkmen programmasynda Näz Dürliniň sesi ýaňlanyp durýar (1995). Oňa ýene-de üstündikler arzuw edýäris.**

**Şu araýaykda, 1978-nji ýylyň 8-nji noýabrynda , hakykatdan-da özbaşdak Türkmen redaksiýasy dörediildi. Şonuň üçin-de**

***[11] Täçmyrat aga öz ýatlamasynda olaryň adyny agzamandyr, ýöne hakykatyň hatyrasyna olary ýatlamagy makul gördüm. Olardan biri Aman Berdimyradyň agasy, merhum "Gurt/Kürre" Berdimyrat, beýlekisi Owganystanly haly täjiri Mahmyt-Gökleň- Türkmen bolmaly. (A.Goli)***

haýal etmezden biziň amerikanly geňeşçimiz we men Türkiýä, Ysraýyla, Müsüre we Päkistana syýahat etdik. Biz diňe bir Türkmen däl, eýsem beýleki türki didli redaksiýalar üçin-de işgärler gözldik, Türkiýede gazak-gyrgyzlardan käbir kandidatlar tapdyk we bir Türkmen-de biziň bilen işlemeklige razyçhlyk bildirdi. Ysraýylda Täjigistandan we Azerbeýjandan göçüp gelen suw ýaly türkçe bilýän we azeriçe sözleýän ýewreýler kändi. Şolaryň arasynda respublikalaryň ýerli gazet-žurnallarynda işlän žurnalistlar-da bardy. Radionyň Iýruosalimdaky wekili arkaly şolaryň bir näçesini işe çagyrdyk.

Sowet goşunlarynyň Owganystanyň üstüne çozup baranlygy zerarly müňlerçe Türkmeniň Päkistana gaçyp gelendigini bilýärdik. Şolaryň arasyndan işimize ýarajak ýaşlary taparys diýip umyt edýärdik. Hususanda Peşewardaky käbir Türkmenler bilen namada/hat alyşypdyk. Emma hut Eýrandaky ildeşlerimiz ýaly, Owganly Türkmenleriň-de öz dilimizde mektep-magaryflary ýokdy. Şeýlemde bolsa, türkmenleriň Gyzylaýak halypasynyň agtygy Magsym aganyň kömegi bilen kadrlar agtardyk. Şol ýere barmyzdan öňünçä, bu gün "Azatlyk" radiosynyň Türkmen redaksiýasynyň müdüri bolup işleýän (1995) *Zarif Nazardan* hat alypdyk. Emma Peşewarda onuň bilen duşuşmak miýesser etmedi,

çünki ol biz barmazymzdan öň Eýranamy ýa Günbataramy gaçyp gidipdir, Soňra onuň bilen 80-nji ýyllaryň başlarynda Münhende duşuşdyk. Soňra ony Germaniýada otrum statusyny alandan soň radio işe aldyk.

Biz Peşewadakak, Magsym aga bize ine bu ýerde ýaş ýigit *Hemra Bilgen*- bar diýdi, belki ol ýuwaş-ýuwaşdan işiňize ýarar, öwredersiňiz, terbiýelärsiňiz diýdi. Şeýlede etdik, Hemrany işe çagyrdyk.

Men 1985-nji ýylyň awgustynda pensiýa çykanymdan soňra, ýene bir-iki sany kabyýaýyetli/ ukyply Türkmen, Türkiýeden bize işe getirildi (merhum *Gylyç Ýomut we M.B*). Türkmenistan öz garaşsyzlygyny yglan edenden soň, beýleki respublikalardaky ýaly şol ýerde öz filýalymzy açarys we hut Türkmenistanyň özünden işgärler çagyrarys diýen ümydymz puç bolup çykdy. Gynansak-da!



*Sitting row, from left to right: Mehmet Kilic, Aman Berdimurat, Murat Haliloglu, and Murat Tatschmurat. Standing row: Emrah Bilgen, Mecit Bastan, M. Zarif Nazar, Naz D. Nazar, Esudullah Oguz (RFE/RL Turkmen Service members in Munich).*

## *SOWUK URŞ ÖJÜGÝÄR*

### *BIZE GARŞY TÖHMETLER ÝAGMURY*

**Öz takdyryma dolansam, II. jahan urşy gutarandan soň Sowet häkimiýetiniň esasy syýasy duşmany biz bolulyk. Uruşdan soň biziň nähili yzarlananymyz, biziň bir jähennemden alyp, beýleki jähenneme ibermek boluşlaryny ýüzläýrägem bolsa, men aýdyp geçeýin.**

**"Azatlyk" we "Azat Ýewropa" radiostansiýalarynyň açylmagy bilen sowet kommunistleriniň bize bolan gazaby täzeden güýçlendi. Staliniň ölüni bu gazaply gereşe täsir edip bilmedi. Sowet ýolbaşçylary şu radiostansiýa dörän gününden başlap, muny nyşana alyp geldi. Onuň gepleşiklerini hen işgärlerini gödek aýypladylar.**

**Öňki gören görgülerim az ýaly, onuň bir ajy şarpygyny menen datmaly boldum. Goý, men hiç diýelim, onuň bir çeti aksaç atam bilen garry eneme, dünýä inip, entek meni görmedik doganlaryma ýetdi. Olarda näme ýazyk bar dinseňizläň.**

**Gep kommunist ýazyjy *Seýitnyýaz Ataýewniň* "Haýyn" atly içi hapa sögünçden hem gargynçdan doly makalasyndan başlanaýmady, gaýtam ol şol ýaramaz göreşiň ahyrky jemleýji nokady boldy.**

Ikinji jahan urşunyň (Beýik Watançylyk urşunyň) barşynda özlerine bagly bolmadyk sebäplere görä, daşary ýurtlarda galmaga mejbur bolan ildeşterimiziň ykbaly meselesinde häkimiýetler häzire çenli bir karara gelmediler. Olar "haýyn", "dönük" hökmünde aýyplanyp geldiler, olar barasynda "duşman keşbi" döredildi. Kagyz çydamly, belli wedomostwalar/ edaralar we olaryň işgärleri bolsa tarhan.

"Azatlyk" radiosy efire çykyp başlan gününden bäri Sowet propagandasy arkaly nyşana alynyp gelindi, aýplamalar we töhmetler ýagdyrylyp duruldy.

Bu hüjümler ilki başda Türkmen metbugatynda gaty bir kesgin däldi. "It üýrer, kerwen geçer", "Süri agsaksyz bolmaz" diýen ýaly sözler bilen çäklenilýärdi. Emma dura-bara "Azatlyk" radiosyny we onuň işgärlerini aýyplamaklyk güýçlendi we bu 1979-njy ýylyň ahyrynda, 1980-nji ýyllaryň başlarynda öz kulminasýion/ ýtjek derejesine baryp ýetdi.

Öňi bilen 1979-njy ýylyň 29-njy dekabrynda "Dönükler" sözbaşy bilen "Sowet Türkmenistany" gazetinde doganlar Kürre we Amanguly 'Berdimyradowlara garşy, şol "Sowet Türkmenistany" gazetiniň 1981-nji ýylyň 30-njy sentýabr sanynda ýazyjy *Seýitnyýaz Ataýewiň* Myrat Täçmyrat hakynda "Haýyn" diýen ýörite makalasy çap edildi. Ýene-de şol "Sowet

Türkmenistany” gazetiniň 1984-nji ýylyň 8-nji sentýabr nomerinde "Muny unutmak bolmaz" diýen makalada ildeşimiz Allamyrat Halmyradow dönüklikde aýyplanylýar.

Şol makalalaryň hemmesi boýdan-başa töhmetçilikden we faktlary galplaşdyrmakdan ybaratdy, okyjylarda, ildeşlerimiz arasynda biz hakda ýigrenç döretmeklik maksat edilinýärdi. Bizler hakynda makalalar ýazanlar atlaryny ýeke çapyp, agyzlaryna gelen pis we gödek sözleri, nejis terminologiýalary ullandylar.

Şol makalalar çap edilenden soň, bir aýlap''haýynlara, dönüklere nälet" diýilen seslenmeler berilip duruldy.

Soňra-da , ahyr soňy, edil 1937-nji ýyldaky ýaly, biziň ýaşan ýerlerimizde, ine meselem Gökdepäniň medeniýet köşgünde, Herrikgalanyň “Mir" kolhozynda, şeýlede Gyzylarbadyň demir- ýol işçileriniň klubynda mitigler geçirilip, şolarda bizi tanaýan we tanamaýan adamlar hem—de hossarlarymyz çykyş etmeklige mejbur edildiler. Hususanam Gyzylarbatda nälet daşy meniň - Myrat Täçmyradyň - üstünden dynuwsyz eňderilýärdi, "haýyn", "dönük" diýen sözler gaýtalanýardy. Onuň obadaşlary, ildeşleri yzly-yayna münbere çykyp, iň aýylganç sözler bilen näletläp, ondan ýüz öwürýärdiler. Onuň

jigileri bir çetde ýüzlerini ýere salyp otyrdylar, ýer ýarylsa şoňa girmäge taýýardylar.

Şeýle aýyplamalaryň hakykata dogry we bap gelmeýänligi, galplaşdyrylan materiallardygy, soňky döwürde Soýuzyň metbugatynda hem telim gezek nygtalyp görkezildi. Türkmenistan Garaşsyzlygyny yglan edeninden soňra, biziň metbugatymyzda-da daşary ýurtlardaky ildeşterimizi aýyplap durmazlyk barasynda materiallar çap edildi.

Şol ýigrenji aýyplamalaryň arasynda men-de bardym. Munuň taryhy uzyn. Ýöne welin esasy sebäp meniň diňe bir uzak ýyllap “Azatlyk" radiostansiýasynda redaktor bolup işlänligimen däl, eýsem öz wagtynda Türkmenistan KGB-siniň polkownigi Rejep Berdiýewiň we onuň ençeme gezek hatda öýümize gatnap gelen "swýaznoýy”,/işgäri Döwlet Kinematografiýa Komitetiniň önki başlygy we Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna çenli “Türkmenistan kommunisti" jurnalynyň jogapkär sekretary bolup işlän Oraz Gojaýewiň: “Siz biziň Günbatardaky, hususanam “Azatlyk” radosynyň içindäki agentimiz boluň” diýen teklibini ret edenligim bolandyr diýip oýlanýaryn.

Şondan soňra “Sowet Turkmenistany” we "Turkmenskaýa



iskra” gazetleriniň 1981-nji ýylyň 30-njy sentýabr sanlarynda tanymal ýazyjy we uruş weteranlary jemgyýetiniň Aşgabat bölüminiň başlygynyň orunbasary Seýitnyýaz Ataýew[12] men hakda “Haýyn” diýen ýörite makalasyny çap etdirdi we şondan soňra bir aýlap “Haýyna nälet” diýlen seslenmeler berlip duruldy.



Совет Туркменистаны 30.09.1981

3

# ХАЙЫН

Хайынлык йүки астында эңки агып, алтмышдан гечип, етмишден гөден Мырат Тәчмырат өзүнин Мюнхендәки жайында еке өзи отырды. Ол еке отурмакдан яман горкярды, себәби келлесине бири-бириинден айылганч пикирлер гирйәрди. Ол телевизоры ачды.

Ичници якайын диен ялы, мунда-да «Кырк йыл мундан ең» диен геплешиклер тапгырындан 1941-нжи йылын августында болан вакалары — Геббельсин кино-

Телевизорың экранында фашист солдатларының Украинада эдйән вагшычылыклары гөркезилйәрди, олар тутуш обалары отлаярдылар, парахат илаты ока тутярдылар, чагалары эжелериниң гөзлериниң алнында өлдүрйәрдилер, яшлары гынаярдылар, гаррылары, аялдары дирилигине ода оклаярдылар. Буларың барында партизанлара гаршы гөреш .бахансы билен эдйәрдилер.

— Мен бейдемок, мен

лере бичак яранжаңлыгы билен тапавутланярды, ол «ур диййсең өлдүрйәнлерденди» ве мүмкин болан пурсатда Гызыл Гошуна гечмек мейилли легионерлери фашистлере огрын шутулларды. Шейле хәсиетлерини ве «хызматларыны» гөз оңүнде тутуп, немец ротасының командири фельдфебель Шмидт Мырат Тәчмырады өзүне пессеве эдип алды. Фашистиң пессевеси хожайына яранжак болуп ола-козе душуп барярды. Сумы

**Сейитныяз АТАЕВ,**
**язычы, уруш ветеранларының Совет Комитетиниң Ашгабат секциясының башлыгының орунбасары.**

---

[12] Seýitnyýaz ATAÝEW (1924-2011)-Uruşdan ozal harby uçilişäni tamamlap, ofiser derejesini alýar. Uruşdaky edermenligi üçin söweşjeň ordenleriň 6-sy, medallar bilen sylaglanýar. Ol hekaýalaryň, powestleriň, kinosenarileriň, “Gazap” romanynyň awtorydyr. Onuň eseri esasynda “Ölüm ýokdur, oglanlar” çeper film surata düşürildi. Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesidir.

*Seýitnyýaz Ataýewiň* “Haýyn" atly makalasynda aýdylýanlara şol gazetlerde jogap üçin ýer berilmejegi öňündenem bellidi. Şonuň üçin awtor atyny ýeke çapyp, agzyna gelen pis we gödek sözleri, nejis terminologiýalary ulanyp, “Haaýyn” barasynda okyjylarda we umuman türkmen jemgyýetçiliginde ýigrenç döretmeklige jan çekdi, çünki onuň “towugyna tok” diýjek hiç kim ýokdy.

Makala boýdan-başa töhmetçilikden we faktlary galplaşdyrmakdan ybaratdy. Gepiň gerdişine görä, bir ýaşuly türkmen şol Ataýewe: "Men Myrat Täçmyrady we Aman Berdimyrady tanaýaryn, olar halkyny we ýurduny söýýän watanperwerler" diýip aýdanynda, ol utanman: "Men olar hakynda mümkingdar kän ýazmakçy, çünki men žurnalist-meždunarodnik, munuň üçin bolsa köp pul gonorar berýärler" diýip aýdypdyr. Onuň bu sözüne kommentara hajat bolmasa gerek.

Şeýlem-de bolsa, men terjime_halymyň ahyrynda Türkmenistanyň meşhur artistleri Aman Gulmemedow, Bazar Amanow we Alty Garlyýew dagy barasynda ýazan makalalarynyň nusgasyny ýerleşdirmekligi ýerlikli tapdym. Çünki "Haýyn" makalasynyň awtory okyjylaryň, milletimiziň arasynda, men hakda ýigrenç döretmek üçin, meniň, hamala

diýersiň, olara gödek dil ýetirendigimi nygtaýar. Şol meşhur we hormatly sahna ussatlarynyza dil ýetirip-ýetirmänligimi, goý, okyjylaryň özleri bilip goýsunlar.

Meniň adyma tanamadyk- bilmedik adamlarymdan gargynç hatlary geldi. şol döwürde aýdylan ol sözleri bu ýerde gaýtalap durmagyň geregi ýok. Onsoňam kim islese ol makalalary islendik okalgadan baryp okap görmäge doly mümkünçiligi bar.

Ýene bir zat: "Haýyn" diýen makalanyň awtory meniň ýesirler lagerinde hamala diýersiň, nemes esgerleriniň öňünde beýleki sowet esgerlerini şugullandygymy, aýyplandygymy nygtaýar. Gepiň gerdişine görä aýtsam, faşistler bilen hyzmatdaşlyk edýär diýilýänler hakynda ýazylan her bir makalada şeýde aýyplamalar bar. Bu ýerde ýesirler lagerinde meniň kiç bir priwilegiýamyň/ artykmaçlygymyň bolmandygyny, ujypsyzja nemesçe bilýändigini bolsa, ykbaldaşlaryma kömek bermek üçin ulanandygymy ýatlamalarymyň başynda aýdyp geçipdim we ýene bir gezek nygtamak isleýärin, hatda öz ykbaldaşlaryma ýardam edenim üçin, döşüme nemes esgeriniň okyda degipdi. Ine, muny ýesirlikde bile bolan obadaşym, partadaşyn maňa ýazan şu hatynda hem tassyklaýar.

Ýatlamanyň ahyrynda, tekstde ady geçýän, KGB-niň swýaznoýy, “Haýyn" makalasyna maglumatlar beren, Türkmenistan Kompartiýasynyň nomeklatura işgärn Oraz Goşaýewiň hatyny çap etmegi ýerlikli bildim. Ol şol hatynda maňa Austriýanyň paýtagty Wenada öz dosty bolan bir oglan (aslynda KGB-niň polkownigi), Türkmenistanyň Döwlet Howpsuzlyk komitetiniň başlygynyň orunbasary Rejep Berdiýew bilen gürleşmegi teklip edýär.

Men onuň bilen görüşdim. Ol meniň başda ýazyşym ýaly, Türkmenistanyň Günbatardaky agenti bolmagymy haýyş etdi.

## *ADALATYŇ ÖŇÜNDE*

Ahyr soňy, edil 37-nji ýyldaky ýaly, “Haýynyň" obasynda (Gyzylarbatda) miting geçirilip, şonda hatda meniň ömründe görmedik jigimi: “Ol meniň doganym bolup bilmez” diýip, ozalyndan ýazylyp berlen tekst boýunça çykyş etmeklige mejbur etdiler.

Ol wakadan 10 ýyl geçip, döwür özgerensoň, şol masgaraçylykly günler ýene bir gezek ýatlanyldy. Bu hakda “Balkan" gazeti özüniň 1992-nji ýylyn 4-nji iýul sanynda ine, şeýle ýazdy.

**“Gyzylarbadyň demirýolçular kluby. Şu ýerde geçýän ýygnakda bir adamyň ady boýdan-başa gaýtalanýar. Nälet daşy onuň üstünden dynywsyz enterilýär. “Dönük", "haýyn" diýen sözler gaýtalanýar. Obadaşlary, ildeşleri yzly-yzyna münbere çykyp, iň aýylganç sözler bilen näletläp, ondan ýüz öwürýärler. Onuň doganlary bir çetde ýüzlerini ýere salyp otyrlar. Ýer ýarylsa girmäge taýýar bu adamlar lagnat daşynyň astynda galan ýaly ýegşerilýärler. Olarň biri eline ýazylyp berlen kagyzy alyp, öňe çykýar. Ýüzüni ýerden galdyryp bilman, elindäki kagyzy okap başlaýar. Kagyzyň ýüzündäki sözler biri-birinden agyr, aýylganç. Kagyz janly bolsa, ol sözlere çydaman ýanyp gitmeli. “Meniň şeýle doganym ýok. Men ondan ýüz öworýän” diýip, ini agasyndan geçýär. Başyny ýerden götermän, münberden düşýär.**

**...Ysnat ogul dogran ene bolsa öýde, ýüň daragynyň başynda gyňajynyň çowy bilen şöhlesi öçen gözlerini süpürýär. Basym uly gazetlerde ol näletlenýän adam hakda makalalar çykýar. Beýik Watançylyk urşunda ýesir düşüp, faşistleriň guran "Türkestan legionynda" tä uruş gutarýança gulluk eden bu adamyň etmişleri**

barada ondan-mundan eşidilen gürrüňler esasynda onuň üstüne gsrgyşlar ýagdyryldy.

Partiýanyň raýkomynda bu ýygnanyşygy geçirmek üçin senariý taýýarlanýarka, uruş döwründe dönüklik edip, aňry geçen, häzir daşary ýurt razwedka gulluklaryna hyzmat ediýänleriň spisoklary/ sanawy ýazylan kitaby agtaryp, onuň hem adyny gizläpdirler. Ýöne ol spisokda näletlenýäniň ady ýokdy.

Ine, bu gürrüňlerniň hemmesi bir adem- Myrat Täçmyrat hakda. Kyn ykbally bu adam hakda öz şahsy pikirimi aýtsan, uruş döwründe onuň näme işler edendigini bilemok. Ýöne 53 ýylky diýar hasraty, aýralyk yzasy iň agyr jenaýat edene-de uly jeza bolup bilermikä diýärin" diýip, makalanyň awtory Amanbibi Muhammedowa ýazýar.

Uruşdan soňky durmuş ýolunda ony aýyplap oturara esas ýokmuka oýdýän—diýip, Muhammedowa öz makalasyny dowam etdirýär:

—Çünki Türkmenistanyň koloniýa erksizliginiň ejirini çekendigi bize indi gizlin däl. Hatda

respublikamyzyň iň birinji ýolbaşçysynyň hem Moskwadan ygtyýarsyz hiç ýere çykyp bilmändigi indi biz üçin mümkin däl zat ýaly görünýär.

Garaşsyzlygyň, azatlygyň nähili eziz zatdygyny indi türknene düşündirip oturmagyň hajaty ýok. Durgunlyk döwri kommunistik ideýalary mahabatlandyryp döşüne kakan baryp ýatan ideologlarymyzyň hem, indi Myrat Täçmyradowyň “Azatlygyň” üsti bilen halky erkinlige çagyrýan sözleriniň dogrudygyny tassyklamaga taýýardygy görnüp dur" diýlip. "Balkan" gazetinde çap edilen makalada nygtalýar.

Edil şoňa goşulýan ýaly, “Diýar” žurnaly özüniň 1992-nji ýylyň 3-nji sanynda “Mysapyrlaryň käbiri daşary ýurt habar beriş serişdelerinde işleýärdiler, çykyş edýärdiler. Munuň üçin olary ýazgarmagyň dogry däldigi, meniň üçin-ä şeksiz. Radioda işlemegem aýyp zat däl. Onda-da öz ene diliňde gepleşik mümkinçiligi ýurdundan ömürlik diýen ýaly jyda düşen şol adamlar üçin ýeke-täk teselli bolaýmasyn? Onsoň olaryň eden her bir çykyşyna, gürrüňine töhmet diýip, olary jenaýatçy atlandyrnak

nämelerden habar berýär. Häzir bilşimiz ýaly, olaryň aýdýan zatlarynyň birnäçesiniň jany ýogam däl eken. Eýsem, olar soýuz respublikalarda erk-ygtyýaryň ýokdugyny nygtanlarynda bi_mamylamydylar?"

Gynasagan, ýagdaý beýle bolmandy. Foto-montažyň kömegi bilen film-de alnypdy. Bu nänili zorluk, nähili kemsidişlik! Çünki ol filmde meniň garry ejem: “Men senden geçýärin. Seniň ýaly ogul maňa gerek däl. Nälet bolsun saňa” diýdirilýärdi.

Meni görmedik jigime bolsa: "Sen biziň halkymyza töhmet atma. Kes şony. Seniň ýalyny biz öz garyndaşymyz diýip hasap etmeýäris" diýdirýärdiler.

Mahriban ejem we doganym eger-de ýeňselerinde sapança tutulyp durulmaýan bolsa, heý, şeýle zatlar aýdarmydylar ahyry! Ähli şu nejis kampaniýa Türkmenistan Howpsuzlyk komitetiniň başlygynyň orunbasary Rejep Berdiýew, Türkmenistan Kompartiýasynyň nomenklatura işgari Oraz Gojaýew, ýazyjy Kakaly Berdiýew, artist-režissor Ata Alawow, şeýle-de kinofilmiň spenariýaçysy W. Gawriçkin, režissor Sapar Mollanyýazow, operator K. Çekirow dagy gatnaşypdyrlar. Şoňa publisist eserleri B. Annaberdiýew, M. Kuznesow we D. Magtumow taýýarlapdyrlar. Filmiň

awtorlaryna Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary žurnalist Geldi Dewletow bilen Seýitnyýaz Ataýew "kömekleşipdirler”.



“Diýar” žurnalynyň 1992-nji ýylyň iýul aýyndaky sanynda Aşyrguly Baýryýewiň “Ýat illerde mysapyrlyk çekenden..." sözbaşyly uly göwrümli makalasynda awtor, hususan şeýle ýazýar:

> “Haýyn, dönük, ganhor, jenaýatçy, töhmetçi... diýen sözler birentek dilleriň senasy boldy, mysapyrlaryň ene-atalaryna-da, dogan-garyndaşlaryna-da, obadaşlaryna-da gün bolmady, olaryň hemmesi garalawjy bolmaga, özleriniň tanaýan-u-tanamaýan adamlaryny näletlemäge, özleriniň agyzlaryna ýazylyp berlen sözleri toty kimin gaýtalamaga mejbur bolupdyr".

Hawa, mysal getirip otursaň, bu gürrüň uzak. Ýöne men bu hakykaty eşidenem üçin, Alladan müň kerem razy. Meni ýazgaran adamlardan ol hakykaty eşidenim üçin, Alladan ýene müň kerem razy. Munuň başyny hem aýagyny görmek maňa nesip etdi. Meniň bagtym bar ekeni muny görmäge. Ýöne müňlerçe ýigitler, nähili sewer ogullar muny görmediler. Olar nähili arman bilen guna garyldylar.

**Ahyrynda “bir ýagşylyk, bir-de ýamanlyk unudylmaz" diýleni dogry ekeni.**

**Şeýle agyr, aýylganç sözler Amanguly Berdymyradyň we Allamyrat Halmyradyň obalarynda geçirilen mitinglerde-de ýaňlandy. Gaýtalap oturmalyň, şu aýdylanlar ýeterlik bolsun gerek.**

## BÜTIN ÖMRÜŇ ALNYŇDA



*Sagdan:*
*Aman Berdimyrat- Allamyrat Halylogly- Myrat Täçmyrat.*
*Münhen 1992*

Ozal aýdyp geçişim ýaly, men 1953-nji ýylyň 16-njy fewralynda "Azatlyk" radiosyna redaktor edilip işe alyndyn. Şondan köp wart geçmänkä, baş redaktoryň orunbasary wezipesini-de maňa tabşyrdylar. 1972-nji ýylyň 1-nji noýabryndan Türküstan redaksiýasy üçe bölündi. Meni ilki başda türkmen-täjik-gyrgyz programmalaryna baş redaktor edip bellediler.

**1978-nji ýylyň 8-nji noýabryndan soňra bolsa, tä 1985-nji ýylyň awgustyna çenli türkmen redaksiýasynyň baş redaktory bolup işledim.**

**Radioda işlän 32 ýyl gowrak wagt içinde Türkmenistana we umuman Türkestana degişli, şeýle-de halkara meseleleri boýunça iki nüň çemesi makaladyr kommentiýa ýazypdyryn we aglabasyny özüm okapdyryn.**

***Syýasatda, şeýle-de uruşda ideal bir alternatiwa ýok, ýagdaýa garap kereket etmeli bolýar. Biz- harby ýesirlerem ýa lagerlerde ölüp gitmelidik, ýa-da nemesler tarapyndan Gurnalan Günbatar legionlarda gulluk etmelidik.***

***Soňra-da bizi şeýle ýagdaýa salan Hitlere bolan söýgi däl-de, eýsem Staline we onuň zalymlygyna bolan ýigrenç, öz halkymyzyň edermenligine bolan söýgimiz sebäpdir. Amerikan radiostansiýasynda işlemegimize-de, ine, şu ugurdan baha bermek gerekdir. Araplar aýtmyşlaýyn, "Seniň duşmanyň duşmany, biziň dostumyzdyr".***

**Umuman aýdanymyzda, men adalat üçin göreşdim, şonuň hatyrasyna iş alyp bardym. Belkem, muňa taryh baha berer.**

**Birleşen Milletler Guramasynyň 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul eden “Adam hukuklarynyň ähliumumy**

Deklarasiýasynyň 19-njy maddasynda şeýle diýilýär: "Her bir adamyň ygtykatlar azatlygyna we özüniň oý-pikirini erkin beýan etmäge hukugy bardyr; bu hukuk her bir adamyň öz pikirinde galmagyna päsgel berilmezligini, Döwlet araçäklerine garamazdan, her bir adamyň dürli serişdeler arkaly informasiýa we ideýalar gözlemekligine, edinmekligine hem-de ýaýratmaklygna bolan hukugyny öz içine alýar". Adamyň we kalklaryň şu hukuklary Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk boýunça Helsinki ylalaşyklarynda nygtalandyr. Şuňa bolsa Türkmenistan-da gol çekipdi, onda-da hut prezident Saparnyrat Nyýazowyň özi.

“Azatlyk" radiosy öz gepleşiklerinde şu prinsiplerden ugur alyp gelýär we öz diňleýjilerine dünýäde bolup geçýän wakalar barasynda özbaşdak pikir edinmeklige ýardam edýär. Şu hyzmaty üçin, ol "Azatlyk medaly" bilen sylaglandy. Şunuň bilen biz Merkezi Aziýadaky syýasy, ykdysady we medeni durmuşy tankydy gözden geçirip bardyk.

Indi şol respublikalaryň hemmesi öz garaşsyzlygyny yglan edenden soňra, “Azatlyk" radiosynyň wezipeleri tamamlanmady. Ýurtda demokratiýany ornatmaklyk, plýuralizm, bazar ykdysadyýetine geçmek ýaly meselelerde Günbataryň tejribelerini ýaýradyp bermek wezipelerini

**berjaý edip barar, çünki Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza bolan ýurtlaryň hiç birinde şol prinsipler ornaşdyrylman gelýär.**



*Turkmen President Saparmurat A. Niyazov during an interview with RFE/RL Turkmen Service's M. Zarif Nazar in 1992.*

## *RADIONYŇ MÜNHENDEN PRAGA GÖÇÜŞI*

**Ahyr soňy 1978-nji ýylyň 8-nji noýabrynda özbaşdak Türkmen redaksiýasy dörödildi. Şuňa men, Myrat Täçmyrat tä 1985-nji ýylyň awgustynda pensiýa çykanyma çenli ýolbaşçylyk edip geldim. Menden soňra, 1989-njy ýylyň ahyrlaryna çenli, meniň dostum Dr. Aman Berdimyrat Türkmen redaksiýasynyň baş redaktory bolup işledi.**

**Şu aralykda, ýetmişinji ýyllaryň ortalarynda malyýe harajatlaryny tygşytlamak maksadynda, “Azatlyk” radiosy, ”Azat Ýewropa” radiosy bilen birleşdirildi. Şonuň üçin Münheniň “Arabella” köçesindäki jaýymyzdan “Iňlis Garten”/ bagy diýilen ýerdäki “Azat Ýewropa radiostansiýasynyň” jaýyna göçüp geldik. Bu ýerde iki radiostansiýanyň işgärleri üçin-de orun tapyldy, birkemsiz işlemeklige mümkinçilikler döreldi. Şu iki radiostansiýanyň garamagynda 22 sany studio bardy.**

**Özbaşdak Türkmen redakiýasyny kabyliýetli, ökde işgärler bilen doldyrmak bize heniz başartman bolsa-da , elimizden geldigiçe ilki başda ýarym sagatlyk gepleşikler alyp bardyk. Bu dura-bara eýranly we owganly ildeşlerimiziň hasabyna gowylaşdy. Segseninji ýyldaryň ahyrlarynda redaksiýanyň**

**ştatdaky işgärleriniň sany 7-ä baryp ýetdi, 1-2 adam-da ştatdan daşarda işleýärdi.**

**Şu aralykda Sowet Soýuzy çagşady, ony emele getiren respublikalar bolsa öz garaşsyzlyklaryny jar etdiler.**



**Şeýlelikde, "Azatlyk" radiosy öz asylly wezipesini üstünlik bilen berjaý etdi diýip hasaplapdyk, emma, haýp, bu şeýle bolup çykmady.**

**1989-njy ýylyň ahyrlarynda. Dr. Aman Berdymyradyň pensiýa çykanyndan soň, Türkmen redaksiýasynyň baş redaktory wezipesine bellenen, gelip-çykyşy owganystandan bolan *Muhammet Zarif Nazar*, garaşsyz Türkmenistana syýahat etdi. Ol şol ýerde prezident Saparmyrat Niýazow tarapyndan kabul edildi. Prezident Niýazow Zarif Nazaryň dürli sahalar boýunça beren soragdaryna jogap berdi. Emma ol soňra, husus anam daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmenler barasynda, Owganistandaky we Eýrakdaky ildeşlerimiz barasynda beren jomart wadalaryndan dändi. "Azatlyk" radiosy meselesine gelenimizde, onda ol Aşgabatda**



filialynyň/ bölüminiň açylmagyna razy bolmady-da, diňe Türkmen metbugatynda çap edilen maglumatlary hiç bir kommentarsyz “Azatlyga” ýetirip durmak üçin bir habarçymyzyň bolmagyna razy boldy[13].



Saparmurat Ovezberdiyev

Şeýlem-de bolsa Zarif Nazar Türkmen redaksiyýasyna ýaş sowatly kadrlary almak üçin käbir arabaglakşyk ýola goýup bildi, çünki şu aralykda radiony Münhenden Praga göçürmeklik karar edildi we redaksiýanyň ştatdaky 7 işgäriniň 4-si dürli sebäplere görä Praga göçüp barmaklykdan boýun gaçyrdy.

Aslynda "Azatlyk" radiosynyň Türkmen redaksiýasynyň mundan soňraky taryhyny beýan etmekligi redaksiýanyň häzirki baş redaktory Mohammed Zarif ýazar we onuň ýanyndaky işgärlere galdyrsam-da bolardy welin, käbir belliklerimi aýytmak isleýärin;

Sowet Soýuzy çagşap, öňki soýuz respublikalarynyň hemmesi öz garaşsyzlygyny jar edenlerinden soň, köp wagtlar emigrasiýada horlanyp gelenler öz watanlaryna gaýdyp

[13] Bu habarçy; şahyr merhum Saparmyrat Öwezberdiýewdi.

bardydar, emma gynansak-da Türkmenistanda başgaça boldy. Azatlyk, demokratyýa we hukuk döwletini talap eden biziň intelligeňsiýamyzyň wekilleri- alymlarymyz, žurnalistlarymyz, syýasatçy we yktysatçylarymyz we gaýrylar, ýurdy terk edip gitmeklige mejbur edildiler. Olar esasanam Orsyýetde we Skandinawiýa ýurtlarynda mesgen tutdylar. Ýagdaý şeýle bolandan soň, Zarif Nazar hususanam özüniň guramaçylykly kabyliýeti bilen redaksiýanyň şatabyny dolndyrmaklyga girişdi.

Dürli synaglardan soňra ol her taraplaýyn sowatly yhlasly işlejek ýigitleri tapyp bildi. Mundan başga Moskwada, Kiýewde, Bakuda we käbir başga şäherlerde korrespondentlerimizda ähli şu zatlary gurnanlykda Zarif Nazaryň hyzmaty ulydyr.

Aýdyp geçişimiz ýaly garaşsyzyga çykan Türkmenistanda metbugat azatlygynyň, şu sandan radio gepleşikleriniň hertaraplaýynlygynyň ornadyljaklygy barasyndaky tamamyz puç bolup çykdy. Şonuň üçin-de, ýurdymyzda hakyky demokratiýanyň plýutaristik sistemanyň, hukuk döwletiniň ornadylmagy ugrunda “Azatlyk” radiosynyň öňünde iňňän uly wezipeler duryar. Şol asylly maksadyň berjaý edilmegi üçin

**redaksiýanyň işgärlerine üstünlikler arzuw edýärin. Alla size medet bersin!**

**“Azatlyk” radiosynyň Türkmen redaksiýasynyň taryhynyň geljekki ýazgylary sizdendir.**

***Azatlyk radiosynyň Türkmen gullugy Münhenden soňky gezek 1995-nji ýylyň 4-nji iýunynda efir gepleşigini berdi, ondan soň gepleşikler Çek jemhuriýetiniň paýtagty Pragdan gepleşikler berilip ugrady.***



**Azat Ýewropa/Azatlyk radiosynyň Pragadaky ilkinji we häzirki binalary**

## *GOŞMAÇA*

### *MAKALARYMDAN KÄBIRI*

**Başda söz berşim ýaly, uly gurrüňe sebep bolan şol üç maklany bolşy ýaly hödürleýärin. Goý, oňa okyjynyň özi bana kessin.**

## *Aman Gulmämmedowyň doglon gününiň 60 ýyllygyna*



**(1908-1977)**

## *Efire berlen wagty: 26. 12. 1978*

**Gepleýär Azatlyk Radiosy!**

**Gadyrly diňleýjiler, ýaňy-ýakyda Türkmenistanyň jemagaty SSSR-iň halk artisti, teatr sahnasynyň talantly ussady Aman Gulmämmedowyň doglan gününiň 60 ýyllygyny we döredijilik işe başlamagynyň 40 ýyllygyny dabaraly belläp geçdi. “Hiçden giç ýagşy" diýlişi ýaly, bizde Aman aganyň şu ýubileýini tüýs ýürekden gutlap, oňa uzak ömür, jan saglygy we mundan buýana-da üstünlikler arzuw edýäris.**

**Respublikamyzda we umuman Sowetler birleşiginde Aman Gulmämmedowy tanamaýan az bolsa gerek. Ol türkmen**

teatral sungatynyň guwanjydyr we köp taraply hem-de gaty ukyply artistidir. Aman aganyň döredijilik ýoly türkmen milli sungatynyň, türkmen milli teatrynyň ýoludyr. Aman Gulmämnedow 1908-nji ýylda Gökdepe raýonynyň Ýylgynagyz obasynda dogludy. 1924-nji ýylda ol Aşgabatdaky mehaniki tehnikuma, 1926-njy ýylyň maýynda bolsa paýtagtymyzda açylan teatral mekdebe girdi. Ine, şondan soň ol özüniň ykbalyny respublikamyzyň teatral sungaty bilen pugta baglanyşdyryp, dura-bara türkmen sahnasynyň iň meşhur ussatlarynyň biri bolup ýetişdi.

Aman aganyň ilkinji gezek, mundan takmynan 35 ýyl ozal Türkmen Dewlet drama teatrynyň sahnasynda döreden Gogol'yň ölmez-ýitnez “Derňewçi” komediýasyndaky şäher häkiminiň obrazy heniz-henizlerem Tomaşaçylaryň ýadynda bolsa gerek. Şondan bäri ol bu obrazy has-da kämilläşdirdi we onuň höwes bilen oýnaýan rollarynyň birine öwrüldi. Bu roly Aman aganyň ýerine ýetirişine Moskwada-da, Leningradda-da, Sowetler Birleşiginiň beýleki şäherlerinde-de gözi gidýänler az bolmasa gerek.

Aman Gulmämmedow özüniň geçen 40 ýyllyk döredijilik ýolunyň dowanynda ýatdan çykmajak obrazlaryň bütin bir galareýasyny döretdi. Ol türkmen teatrynyň sahnasynda 200-

den gowrak roly ýerine ýetirdi. Bulardan başga-da ol türkmen kinostudiýasy tarapyndan öndürilen filmleriň birneçesine-de gatnaşdy.

Dünýäniň her bir aktýorynyň karýerasy onuň klassik dramaturgiýasyndan Şekspiriň “Otello” we "Korol Lir” tragediýalaryndaky baş rollary oýnamak we olary göwnejaý ýerine ýetirmek bilen şöhratlanýar. Aman aga Şekspiriň “Otello" tragediýasyndaky Wenesiýa mawrynyň, ýagny Otellonyň obrazyny ilki sapar 1939-njy ýylda döretdi we şondan bäri bu obrazyň gylyk-häsiýetini has-da çylşyrymlaşdardy we çuňlaşdyrdy. 1955-nji ýylda Moskwada türkmen edebiýatynyň we sungatynyň ongünlügi geçirilende, Aman aganyň Moskwanyň sahnasynda oýnan Otellosy teatr sungatyndan habary barlaryň hemmesini haýran galdyrdy. Şol wagtda surata düşürilen Aman aganyň Otellosy häzir Britan muzeýinde saklanýar.

Teatr sungatynyň dünýä repertuarynda iň köp oýnalan rollardan biri bolon Şekspiriň “Korol Lir" tragediýasyndaky goja Liriň roluny Aman Gulmämmedow 1964-nji ýylda döretdi.

Elbetde, onuň oýnan beýleki rollaryny-da sanasaň sogaby bar diýen ýaly. Şol obrazlaryň hemmesi; hä ol türkmen milli

ýa Sowet dramaturgiýasyndan bolsun, hä ol rus ýa dünýä klassik dramaturgiýasynyň belli eserlerinden bolsun, bularyň hiç biri sahna tomaşaçylarynyň ýadyndan çykmajakdyr.

Aman aganyň döreden saha obrazlarynyň köpleri diňe bir türkmen teatrynyň taryhynda däl, eýsem bütin Sowet teatr sungatynyň taryhynda mynasyp orun eýeleýärler.

Ýaşuly artistimiz Aman aganyň türkmen milli medeniýetimize we sungatymyza goşan goşandy, bitiren hyzmatlary gaty ummasyzdyr. Halkymyz we uly ilimiz muny bilýär, muny ösle unutmaz.

Şonuň üçin-de bugün Aman aganyň 60 ýaşynyň we döredijiliginiň 40 ýyllygynyň toýuny gutlap, oňa türkmen teatrynyň zehinli wekili hem-de uly halypasyna jan saklygyny, täze döredijilik üstünliklerini, durmuşda bagtly bolmagyny arzuw edýäris.

Toýuňyz mübärek bolsun, Aman aga!

**Alty Garlyýewiň aradan çykandygy zerarly onuň ömri we döredijiligine bagyşlanan gepleşik.**



**(6 January 1909 - 11 December 1973)**

***Efir taryhy-11. 12. 1973***

**Gadyrly diňleýjiler!**

**Eziz ildeşler!**

**Türkmen sungatynyň görnükli ussatlaryndan biri bolan Alty Garlyýewiň 11-nji dekabrda 65 ýaşynyň içinde tarpa-taýyn aradan çykanlygy barasyndaky ajy habar bize ýaňy gelip gowuşdy. Dilsiz-agyzsyz ajy ajal iň söýgüli sahna ussadymyzy, ukyply rejissýorymyzy, zehinli dramaturgynyzy we görnükli kino_aktýorymyzy aramyzdan ýolup alyp gitdi. Bu habar diňe**

bir watanymyzdaky halkymyzy däl, eýsem daşary ýurtlardaky türkmenlerinde gaty gynandyrdy.

Alty Garlyýew, Aman Gulmämmedow we Bazar Amanow agalarymyz bilen birlikde respublikamyzyň teatral sungatynyň diregini dikenleriň biridir. Türkmen halk ýazyjysy, akademik agamyz Aman Kekilow özüniň alty Garlyýew barasyndaky bir makalasynda şeýle ýazyldy:

> *"Egerde şu günki türkmen sungatymyzy ilerimizde keserip ýatan Köpetdaga meňzetmek bolýan bolsady, onda men onuň çür başyndaky gerişleriniň ýa-da gerçekleriň birine Alty Garlyýew diýip at bererdim".*

Şu sözüň jany ýogam däl. Çünki Alty aganyň türkmen milli medeniýetini we sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary çäksizdir, goşan goşandy ümbilmezdir. Şonuň üçin-de kalkymyz ony özüniň söýgüli ogullarynyň biri hasaplaýar.

1909-njy ýyldyň 6-njy ýanwarynda Tejen raýonynynyň 2-nji Babadaýnan obasynda doglan Alty Garlyýew özüniň döredijilik işine 1929-njy ýylda Türkmen drama- teatrynda başlaýar. 1931-nji ýylda Baku şaherinde teatral tehnikumyň rejissýorçylyk bölümini gutarandan soňra, ol türkmen awtorlarynyň, rus we Günbatar klassikleriniň ölmez-ýitmez

spektakllarynda ýatdan çykmajak obrazlaryň ençemesini döretdi.

Alty aganyň ilkinji gezek, mundan takmynan 40 ozal Türkmen dowlet drama teatrynyň sahnasynda döreden Gogolyň meşhur "Derňewçi” komediýasyndaky Hlestakowyň, şeýle-de Goldoniniň “Iki aganyň gullukçysyndaky " Trufaldinonyň obrazlary heniz- henizem tomaşaçylaryň ýadynda bolsa gerek.

Alty Garlyýew aýny zamanda türknen kinostudiýasy tarapyndan köplenç halatlarda hut özüniň rejissorlygynda döredilen filmleriň birnäçesine gatnaşdy. “Dursun" filminde Nurlynyň, "Uzakdaky gelinlikde" Kerimiň obrazlaryny döretdi. Iki gezek döwlet baýragynyň laureaty boludy,

Ussat rejissýoryň iň soňky döreden "Aýgytly adim" we "Magtymguly" filmleri diňe bir türknemistanda ýa-da Sowet Soýuzynda däl, eýsem daşary ýurtlaryň birnäçesinde- de görkezilýär we tomaşaçylaryň söýgi hormatyna mynasyp boldy.

Alty aga 1941-nji ýylda ilkinji Türkmen opera we balet teatry açylan dessine onuň rejissýoryňlarynyň hataryna goşuldy. "Gül-Bilbil", "Şesenem-Garyp", "Leýli- Mejun", "La Trewiýata"

ýaly operalary sahnada goýan-da Alty agady. Onuň türknen opera sungatyny döretmekde we ösdürmekde hyzmaty örän uludyr.

Alty Garlyýew diňe bir artist ýa-da rejissor bolmazdan, ol aýny zamanda talantly dramaturgdy. Bu ýerde onuň galamyndan çykan "1916-njy ýyl", "Aýna", "Başlyk", "japbaklar" ýaly pesselaryny sanap geçmekligiň Özi-de ýeterlikdir. Biz, elbetde, bütün bu eserleriň mazmuny, sosialistik realizm basgysy astynda taryhy hakykatlaryň kähalatlarda ýoýulyşy barasynda çekişmelere girişmezden, türkmen teatrynyň we kino sungatynyň zehinli wekili hem-de uly ussady Alty aganyň ukybyny belläp geçmek isledik. Alty aga-da biziň hut beýleki edebiýat we sungat işgärlerimiz ýaly, öz döredijiliginde sosialistik realizim we partiýalaýynlyk prinsipteriniň gysgysyndan halas däldi.

Alty Garlyýew türkmen halk talantynyň egsilmezligi hakyndaky "Mukamyň syry" diýen täze çeper filmi tamamlap bilmän aramyzdan çykdy.

SSSR-iň kalk artisti, SSSR-iň döwlet baýraklarynyň we Türkmenistanyň magtynguly adyndaky döwlet baýragynyň laureaty Alty Garlyýewiň aradan çykmagy türkmen teatral sungaty üçin agyr ýitgidir. Emma onuň döreden obrazlary,

türkmen sungatyny ösdürmek işinde bitiren hyzmatlary, teatr we film tomaşaçylarynyň ýüreginde, dostlarynyň we meslekdeşleriniň ýüreginde, uly ilimiziň ýüreginde hemişelik saklanar, halkymyz özüniň söýgüli we wepaly ogluny asla unutmaz, onuň röwşen ýadigärligi ebedilik galar.

Biz bu gün alty Garlyýewiň aradan çykanlygy zerarly, onuň maşgalasyna, ähli hossarlaryna we dost-ýarlaryna çuňgur gynanç bildirýäris.

Merhumyň ýatan ýeri ýagty bolsun, imany hemra bolsun!

## Bazar Amanowyň doglan gününiň 70 ýyllygyna



**(1908-1981 ýý.)**

*Efir taryhy-12.12. 1978*

**Gadyrly diňleýjiler!**

**Türkmenistanyň sungat we edebiýat işgärleri, şeýlde-de respublikamyzyň ähli jemgyýetçiligi SSSR-iň halk artisti, meşhur dramaturg, rejissýor we sahna ussady Bazar Amanowyň doglan gününiň 70 we döredijilik işiniň 50 ýyllygyny şu günlerde belläp geçdi.**

**B.Amanow Tejen etrabynda daýhan maşgalasynda 1908-nji ýylda eneden bolýar. 1924-nji ýylda Aşgabada gelýär. 1926-1929-njy ýyllarda Aşgabat teatr studiýasynda okaýar we ony**

gutaryp, Türkmen döwlet drama teatrynda artist bolup işe başlaýar Bazar aganyň bütin döredijilik ömri 1929-njy ýylda açylan Türkmen döwlet drama teatry bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ol şu 50 ýyl içinde 200-den gowrak kiçili-ululy rollary ýerine ýetirdi. Bazar aganyň Gogolyň “Derňewçisindäkn” Osipi, Şekspiriň “Otellosyndaky" Ýagosy, “Keýmir kördäki" Nedir şasy, "Hüýrlukga-Hemradaky” Hysraw şasy we beýleki oýnan rollary hiç watda tomaşaçylaryň ýadyndan çykmajakdyr.

Bazar Amanow diňe bir artist bolman, eýsem, ol aýny zamanda talantly dramaturgdyr. Onuň merhum Hojanepes Çaryýew bilen ýazan “Zöhre-Tahyr”, merhum Garaja Burunow bilen ýazan “Keýmir kör”, Aýgytly ädimde“ Gully hanyň, bir özüniň ýazan "Kemine" ” (1942), “Soltan Sanjar” (1946), “Aýazhan” (1961), “Mollanepes” (1963), “Hazynalar adasy” (1967) pýesalaryny döretdi.

Aýratyn-da B.Amanowyň G.Burunow bilen ýazan “Keýmir kör” atly taryhy dramasy türkmen teatr sungatynyň altyn fonduna ymykly giren eser boldy. “Keýmir kör” indi 50 ýyldan-da köp wagt bäri sahnadan düşmän gelýän dramadyr.

**Türkmen filmlerinde: “Prokurorda” Sapar baýyň, “Aýnada” esen baýyň, “Çopan oglunda” Nepesiň we başgalaryň hem obrazlaryny döretdi.**

**Merhumyň ýatan ýeri ýagty bolsun, imany hemra bolsun!**

**TAMAM**



**M.Täümyrat bilen. Münhen-Alman. May 1995**

**Täçmyrat aganyň sesini diňlemek üçin şu ýere basyň**

***https://www.turkmenstudy.com/myrat-tacmyradyn-oz-sesi-bilen-okan-makalalary/***



**Dr.Aman berdimyrat bilen 1995-de Münhende Magtymguly günlerindäki duşuşygym (A.Goli)**

***Bu ýatlamany kril hatyndan Latyna geçirip, ony käbir goşmaça maglumatlar hem-de suratlar bilen bezän:***

***Taryh ylymlaryň kandidaty,***

***Sweden-de hereket edýän Türkmeni öwreniş merkeziň müdüri***

***ARNE GOLI /Akmyrat Gürgenli***

***Sweden, mart 2022 ý.***

## *PEÝDALANYLAN ÇEŞMELER:*


1- **M.Z.NAZAR: A Messege of Freedom. Published by Radio Free Europe/Radio Liberty. Prague 2002.**
2- **Arhive of Radio Liberty. Via internet saits.**
3- **GOOGLE we WIKIPEDIÝA INTERNET saýtlary**
4- **Şahsy arhiwym.**

*ARNE GOLINIŇ TERJIME HALY*



**1956-njy ýylda Eýranyň Türkmensähra ýaýlasynda doglan Arne (Emin) Goli başlangyç bilimi Bandar-Türkmeniň gündogaryndaky dogduk mekany "Uly Artk" obasynda aldy. Orta mekdebi bolsa Bender_Türkmeniň “Hedaýet” we Gürgen şäheriniň “Astrabady” mekdeplerinde tamamlap (1974), Maşatdaky Ferdowsi uniwersitetinden taryh we sosiologi boýunça ýokary bilimi aldy (1978). Harby gullugyny geçirenden soň, ilki Tähranda orta mekdep mugallym bolup işe başlady, soňra dogduk şäherine göçdi we Kümişdepe, Omçli we Gargy... orta mekdeplerinde mugallym bolup işledi. Şol bir wagtyň özünde, "Türkmenleriň taryhy" atly akademiki tezisini giňeldip, Tähranda "Türkmenleriň jemgyýetçilik-syýasy taryhy” ady bilen neşir etdi (1985). Ylmy barlag işleriniň dowamynda Türkmenistana göçdi (1989) we TYA-**

**nyň Gündogary öwreniş bölüminde kiçi ylmy işgär bolup işledi.(1990-njy ýylyň iýul aýyna çenli). Soňra Şwetsiýa göçmeli boldy. Bu ýerde Goteborg uniwersitetinde "Halkara gatnaşyklar" kursuny tamamlady (1986) şol bir wagtyň özünde "Türkmen medeni ojagy"nda müdiriýet topary bolup iş alyp bardy we "Türkmenistan TV-si"ni ýola goýdy (1987-1988) soňra žurnalistik tejribesini artdymak maksady bilen Pragdaky "Türkmen radiosynda" birnäçe ýyl işledi(1998—2010). Soňra Swedende "Türkmeni öwreniş merkezini" döretdi(2011) we şondan bäri türkmenleriň taryhy we medeniýeti baradaky ylmy barlaglaryny dowam etdirip gelýär.**

***Ýazan eserleri:***

**1- Türkmenleriň jemgyýetçilik-syýasy taryhyna syn. Ylym neşirleri. Tähran 1985**

**2- Türkmen Saharasy. Türkmen Saharanyň häzirki zaman taryhyna syn (türkmen dilinde). Elektron neşir .**

**3- Eýranda türkmenleri we Eýranda milli mesele. Elektron neşir.**

**4- Türkmenleriň taryhynyň kronologiýasy. Elektron neşir.**

**5- Etregiň demirgazygynda (türkmençe). Öňki Sowet Soýuzyna syýasy bosgunçylyga syn. Elektron neşir.**

**6- Jüneýit Han we onuň demirghazik Türkmenistanda bolşewiklere garşy görşi (türkmen dilinde, latynça). Ankara. 2016**

**7- Taryhy dokumentlerde türkmenler (Naser atdin şah Gajar döwründen Pahlawilere çenli). Praga. Tomus 2018**

**10- Eýran Türkmenleriniň syýasy göresi (1979—1981). 2 Tom. Praga 2019**

**11. Türkmenleriň umumy taryhy, III. Jildi. Türkmenistanyň taryhy (1990—1991). Praga 2021**

۱- سیری در تاریخ سیاسی- اجتماعی ترکمن ها. انتشارات علم. تهران ۱۳۶۴
۲- تورکمن صحراسی. نگاهی به تاریخ معاصر تورکمن صحرا(به تورکمنی). نشر الکترونیکی
۳- تورکمن ها و ملی مسئله ملی در ایران. نشر الکترونیکی.
۴- کرونولوژی تاریخ تورکمن. نشر الکترونیکی.
۵- در شمال اترک (به تورکمنی). نگاهی به مهاجرت های سیاسی به شوروی سابق. نشر الکترونیکی.
۶- جنید خان و اونونگ دمیرغازیق تورکمنستاندا بلشویکلره قارشی گؤرشلری (بزبان تورکمنی به لاتینی). آنکارا. ۲۰۱۶

۷- تورکمن ها در اسناد و مدارک تاریخی (از دوره ناصرالدین شاه قاجار تا اواخر سلسله پهلوی). پراگ. تابستان ۲۰۱۸

۸- قیات خان؛ گؤرشی و آجی تأله یی. پراگ. تابستان ۲۰۱۸

۹- جنید خان و اونونگ دمیرغازیق تورکمنستاندا بلشویکلره قارشی گؤرشلری (عرب الفباسینده). پراگ ۲۰۱۸

۱۰- اسناد جنبش شورایی (۱۳۵۶-۱۳۸۶). در دو جلد. پراگ ۲۰۱۹

۱۱- تۆرکمنیستانئنگ تاریخی (۱۹۹۱—۱۹۰۰) پراگ. ۲۰۲۱